TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ GARAŞSYZ DÖWLETIMIZIŇ HEMIŞELIK BITARAPLYK HUKUK ÝAGDAÝYNA EÝERIP, DÜNÝÄNIŇ ÝURTLARY WE HALKLARY BILEN DOSTLUKLY, HOŞNIÝETLI GATNAŞYKLARY ALYP BARÝARYS.

# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

20-nji dekabr, 2024. Belgisi 51/1617




# TÜRKMEN-MALAÝ HYZMATDAŞLYGYNYŇ ÝOKARY DEREJESI

***18-19-njy dekabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Malaýziýada resmi saparda boldy.***

Aziýa – Ýuwaş umman sebitiniň ýurtlary bilen netijeli gatnaşyklary ösdürmek Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

Türkmenistan bilen Malaýziýany birek-birege hormat goýmak däplerine esaslanýan dostlukly gatnaşyklar baglanyşdyrýar. Häzirki wagtda ýurtlarymyzyň hyzmatdaşlygy halkara guramalaryň, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynyň, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Goşulyşmazlyk Hereketiniň we beýleki halkara düzümleriň çäklerinde üstünlikli ösdürilýär. Ikitaraplaýyn gatnaşyklar dürli ugurlarda, şol sanda söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda yzygiderli pugtalandyrylýar. Döwletara hyzmatdaşlygy ösdürmekde ýokary derejede amala aşyrylýan özara saparlara möhüm orun degişlidir. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyzyň Malaýziýa 2011-nji, 2016-njy ýyllarda amala aşyran resmi hem-de döwlet saparlary, dostlukly ýurduň Hökümet Baştutanlarynyň 2014-nji, 2019-njy ýyllarda Türkmenistana bolan saparlary munuň aýdyň mysalydyr. Şol saparlaryň dowamynda gol çekilen ikitaraplaýyn resminamalar hyzmatdaşlygyň ygtybarly şertnama-hukuk binýadyny emele getirýär.

Hormatly Prezidentimiziň Malaýziýa amala aşyran ilkinji sapary we ýokary derejedäki geçirilen gepleşikler hem özara gatnaşyklary çuňlaşdyrmakda, onuň gerimini giňeltmekde nobatdaky tapgyr bolar.

Hormatly Prezidentimizi Malaýziýanyň paýtagtynyň Halkara howa menzilinde resmi adamlar garşyladylar.

Howa menzilinde hormatly Prezidentimiziň dostlukly ýurduň resmi wekili bilen bolan söhbetdeşliginiň dowamynda yzygiderli ösdürilýän türkmen-malaý hyzmatdaşlygynyň ýokary derejesi kanagatlanma bilen bellenildi. Ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň baý tejribesi we ägirt uly mümkinçilikler häzirki döwürde umumy bähbitlere laýyk gelýän köpugurly özara gatnaşyklary ösdürmek üçin amatly şertleri döredýär.

19-njy dekabrda Kuala-Lumpurdan 20 kilometr uzaklykdaky Malaýziýanyň häzirki zaman dolandyryş merkezi hasaplanýan Putrajaýa şäherinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bilen Malaýziýanyň Premýer-ministri Dato Seri Anwar Ibrahimiň arasynda ýokary derejeli gepleşikler geçirildi.

Iki halka mahsus açyklyk, birek-birege düşünişmek, özara ynanyşmak ýagdaýynda geçen gepleşikleriň dowamynda taraplar ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Soňra gepleşikler iki ýurduň resmi wekiliýetleriniň gatnaşmagynda giňeldilen düzümde dowam etdi.

Duşuşygyň dowamynda hormatly Prezidentimiz hem-de Malaýziýanyň Hökümetiniň Baştutany özara gatnaşyklaryň ileri tutulýan ugurlary, halkara gün tertibiniň gyzyklanma bildirilýän möhüm meseleleri barada pikir alyşdylar. Syýasy-diplomatik ugurda, hususan-da, halkara guramalardyr forumlaryň çäklerinde ählumumy meseleler babatda pikir alyşmagy dowam etdirmegiň zerurdygy bellenildi. Taraplar energetika pudagynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmagyň möhümdigini nygtadylar. Iki ýurduň arasynda ykdysady gatnaşyklaryň hem uly geljegi bar. Şoňa görä-de, duşuşykda Türkmen-malaý işewürler geňeşini döretmegiň, şeýle-de ulag, medeniýet, bilim, syýahatçylyk, sport babatda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy giňeltmegiň möhümdigi nygtaldy.

Gepleşikler tamamlanandan soňra, ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy boldy. Şeýle-de hormatly Prezidentimiz we Malaýziýanyň Premýer-ministri ýokary derejeli duşuşygyň netijeleri boýunça köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekillerine ýüzlenme bilen çykyş etdiler.

## Hormatly Prezidentimiziň kitaby ýapon dilinde neşir edildi

18-nji dekabrda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda hormatly Prezidentimiziň «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly kitabynyň ýapon dilindäki neşiriniň tanyşdyrylyş dabarasy geçirildi.

Geçen ýylyň dekabrynda çapdan çykan we türkmenistanlylaryň ýaş nesli üçin möhüm gollanma öwrülen bu kitap daşary döwletlerde hem uly gyzyklanma eýe boldy. Onuň Sukuba uniwersiteti bilen hyzmatdaşlykda ýapon diline terjime edilmegi hem munuň aýdyň güwäsidir. Munuň özi Türkmenistanyň we Ýaponiýanyň arasynda däp bolan dostlukly gatnaşyklaryň ösüşinde nobatdaky möhüm ähmiýetli waka boldy. Şeýle hem bu ýokary okuw mekdebi bilen hyzmatdaşlykda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly edebi-filosofik eseri terjime edildi. Mälim bolşy ýaly, Gahryman Arkadagymyzyň bu kitaby şu ýylyň ýanwarynda ýapon dilinde çapdan çykdy.



Tanyşdyrylyş dabarasyna Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň, ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň diplomatik wekilhanalarynyň, halkara guramalaryň wekilleri, ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary, talyplar, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar. Çärä paýtagtymyza sapar bilen gelen «ITOCHU Corporation» kompaniýasynyň direktorlar geňeşiniň agzasy, ýerine ýetiriji wise-prezidenti, maşyn we enjamlar kompaniýasynyň prezidenti, Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça ýapon-türkmen komitetiniň başlygy Hiroýuki Subaýyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiň agzalary hem çagyryldy.

Çykyşlarda nygtalyşy ýaly, özara hoşniýetli erk-islegiň netijesinde döwletara dialog täze mazmun bilen baýlaşdyrylýar. Ynsanperwer ulgam däp bolan hyzmatdaşlygyň möhüm ugry hökmünde çykyş edýär. Şunda ylym, bilim, medeniýet ulgamlaryndaky gatnaşyklaryň köpýyllyk tejribesi we uly mümkinçilikleri bar. Şunuň bilen baglylykda, «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly kitabyň ýapon dilindäki neşiri «Günüň dogýan ýurdunyň» okyjylaryna ýaş nesil hakyndaky hemmetaraplaýyn aladalara aýratyn ähmiýet berýän Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň esasy ugurlary bilen giňişleýin tanyşmaga mümkinçilik berer. Hormatly Prezidentimiziň ilkinji kitabynyň hut şu ugra bagyşlanmagy Watanymyzyň daýanjy bolan ýaşlar barada edilýän tagallanyň aýdyň görkezijisidir.

Şeýle-de çykyşlarda bilim ulgamynda soňky ýyllarda täze ösüşe we mazmuna eýe bolýan türkmen-ýapon hyzmatdaşlygyna aýratyn üns berildi. Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleri, şol sanda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty, Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersiteti bilen Ýaponiýanyň öňdebaryjy bilim ojaklarynyň arasynda ýola goýlan ýakyn gatnaşyklar muňa aýdyň mysaldyr. Türkmenistanyň orta we ýokary okuw mekdepleriniň käbirinde ýapon diliniň öwredilýändigi bellärliklidir.

## YKDYSADY ÖSÜŞLER – ABADANÇYLYGYŇ KEPILI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda amala aşyrylýan diwersifikasiýa syýasaty dünýä ykdysadyýetiniň häzirki çylşyrymly şertlerinde hem milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmagyň netijeli ugry bolup durýar. Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň çig mal öndürýän ýurtdan innowasion häsiýetli taýýar önümleri öndürýän ýurda öwrülmeginiň Gahryman Arkadagymyz tarapyndan



alnyp barlan we Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan dowam etdirilýän diwersifikasiýa syýasatynyň esasynda mümkin bolandygy aýratyn bellärliklidir.

■ 3

## «AKYLLY» ŞÄHERLER – GELJEGIŇ ŞÄHERI

**18-nji dekabrda Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetinde «Akylly» şäher: dolandyrmak, sanly, «akylly» we emeli aň tehnologiýalary, howpsuzlygy, ykdysadyýeti» atly halkara ylmy-amaly maslahat geçirildi.**



**Utgaşykly görnüşde geçirilen foruma abraýly ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary, ylmy-barlag institutlarynyň alymlary, Awstriýadan, Bangladeşden, Belarusdan, Beýik Britaniýadan, Gazagystandan, Gruziýadan, Hindistandan, Hytaýdan, Koreýa Respublikasyndan, Malaýziýadan, Owganystandan, Pakistandan, Russiýadan, Rumyniýadan, Täjigistandan, Türkiýeden, Özbegistandan, Ukrainadan, Filippinlerden, Şri-Lankadan, Efiopiýadan, Ýaponiýadan hünärmenler, öňdebaryjy daşary ýurt kompaniýalarynyň ýolbaşçylarydyr wekilleri gatnaşdylar.**

**Alymlar esasy mejlisde ylym-bilimiň dürli ugurlaryny ösdürmek meselelerini ara alyp maslahatlaşyp, öz alyp barýan ylmy işleri barada giňişleýin gürrüň berdiler.**

■ 2

## TEBIGAT WE EKOLOGIÝA

Güneşli Diýarymyzda durnukly ösüşi üpjün etmek üçin howanyň üýtgemeginiň ýaramaz täsirleriniň netijelerini peseltmek maksadyna gönükdirilen döwlet syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegine uly ähmiýet berilýär. Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen daşky gurşawy goramak we tebigy baýlyklardan tygşytly peýdalanmak, zyňyndy gazlaryň mukdaryny azaltmak ýaly işler döwlet derejesinde durmuşa geçirilýär.



2023-nji ýylyň dekabrynda Dubaýda geçirilen BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşyjylaryň 28-nji maslahatynda (COP28) döwletimiz Global metan borçnamasyna goşulýandygyny resmi taýdan yglan etdi. Şeýlelikde, ata Watanymyzda 2030-njy ýylda ýyladyşhana gazlarynyň zyňyndylarynyň derejesini azaltmak meýilleşdirildi.

■ 2















## Elektroulag satuwynda täze rekord

Dünýäde elektroulag satuwynda täze rekord hasaba alyndy. Noýabr aýynda jemi 1,83 million elektroulag satylyp, bu ugurda yzly-yzyna üçünji aýda has köp satuw amala aşyryldy. Angliýanyň «Rho Motion» şereketiniň maglumatyna görä, geçen aý elektroulag satuwy ozalky aýdan 100 müňden köp ýa-da 6 göterim artyk boldy. Global satuwyň 1,3 milliony Hytaýda hasaba alyndy. Ýanwar-noýabr aýlary aralygynda bolsa dünýäde jemi 15,2 million elektroulag satylypdyr. Degişli döwürde elektroulag satuwy 25 göterim ýokarlanypdyr. Bu görkezijiniň 9,7 milliony Hytaýda hasaba alnypdyr.



**Tirkişmyrat NURÝAGDYÝEW,**
*Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň diňleýjisi.*

## Täze çip bahasyny gymmatlatdy

Dünýäniň öňdebaryjy tehnologiýa kompaniýalarynyň biri bolan «Google» täze çipini tanyşdyrdy. Kompaniýa bu çipiň hasaplaýyş tizliginiň kwant usulyna ýakynlaşyp biljekdigini mälim etdi. Şondan soňra brende eýeçilik edýän «Alphabet»-iň paýnamalary 6 göterime golaý gymmatlady. «Google Quantum AI» kompaniýasynyň esaslandyryjysy Hartmut Newen «Willow» atly bu çip arkaly öňdebaryjy super kompýuterleriň 10 septillion ýylda ýerine ýetirip biljek işlerini sanlyja minutyň dowamynda tamamlap boljakdygyny belledi.



**Meretgül MÄMMETGELDIÝEWA,**
*Aşgabat şäherindäki Mehaniki-tehnologiki orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

## Täze ada peýda boldy

Italiýanyň Wenesiýa şäheri içinden geçýän kanallar arkaly her ýylda ýüz müňlerçe syýahatçyny özüne çekýär. Taryhy şäheriň golaýynda täze bir ada peýda boldy. Aslynda bu ada her ýylyň tomus aýlarynda peýda bolup, soňra gaýtadan ýitýärdi. 2020-nji ýylda aýlagy güýçli tolkunlardan goramak üçin bendiň gurulmagy bilen adajyk ýitmegiň deregine ýuwaş-ýuwaşdan ulalyp, hemişelik ada öwrüldi. Bu bolsa ýerli ýaşaýjylar we myhmanlar üçin deňiz kenarynda gezelenç etmek üçin täze mümkinçilik döretdi. Uzynlygy 250 metr, ini 10 metr töweregi bolan adada eýýäm käbir ösümlik gögerip başlapdyr. Bilermenler bolsa bu ösümlikleriň topragy eroziýadan gorap, adany berkidýändigini belleýärler.



**Oguljahan ÇERKEZOWA,**
*Wekilbazar etrabyndaky 12-nji çagalar bagynyň terbiýeçisi.*

## Ilkinji gezek gäminiň daşyna çykdylar

Mälim bolşy ýaly, Hytaý geçen ýyl Ýeriň aşaky orbitasynda özbaşdak kosmos stansiýany gurup, ulanyşa girizipdi. Şu ýylyň 30-njy oktýabrynda «Shenzhou-19» kosmos gämisi bilen bekede baran hytaýly kosmonawtlar ilkinji gezek gäminiň daşyna çykdylar. Gäminiň ýa-da bekediň daşyna çykmak kosmonawtlar üçin iň çylşyrymly işleriň biri hasaplanyp, «kosmos ýörişi» diýlip atlandyrylýar. Hytaýly kosmonawtlaryň «kosmos ýörişi» 9 sagat dowam etdi. Hytaýyň Adamly kosmos inženerçiligi edarasy (CMSA) Saý Sýuýçže, Sun Lindun we Wan Haosze beketdäki robot goluň kömegi hem-de ýerdäki kärdeşleriniň goldawy bilen birnäçe çylşyrymly işi ýerine ýetirendiklerini mälim etdi.



**Idris HAJYÝEW,**
*Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebiniň mugallymy.*

## Ýylyň iň gowy ykdysadyýetleri

«The Economist» žurnaly dünýäniň ykdysady taýdan durnukly ýurtlarynyň başligini taýýarlady. Sanaw taýýarlananda, jemi içerki önüm, birža söwdalary, hümmetsizlenme we beýleki görkezijilere garaldy. Sanawyň birinji ornuny Ispaniýa eýeleýär. Maglumata görä, häzirki wagtda ýurtda 2019-njy ýyldakydan 1,8 million has köp iş orny bar. Şu ýyl ýurduň ykdysadyýetiniň 3 göterimden geçmegine garaşylýar. Ýurda barýan syýahatçylaryň sanynyň ýylyň ahyryna çenli 90 milliondan geçmegine garaşylýar. Ikinji orunda Irlandiýa, üçünji ýerde Daniýa bar. Gresiýa, Italiýa, Kolumbiýa, Litwa, Şweýsariýa we Koreýa Respublikasy degişlilikde öňdäki orunlary eýeläpdir.



**Tawus AGAJANOWA,**
*Gökdepe etrabyndaky 32-nji orta mekdebiň mugallymy.*

## Has köp syýahatça garaşýar

Baý taryhy we tebigy baýlyklary bolan Hytaý Halk Respublikasy soňky ýyllarda has köp syýahatçyny özüne çekmek üçin dürli taslamalary durmuşa geçirdi. Ýurt dünýäniň birnäçe döwletiniň raýatlary üçin wizasyz syýahaty ýola goýdy. Indi bolsa Hytaý daşary ýurtlularyň üstaşyr wizalarynyň möhletini 3 günden 10 güne çykardy. Şeýlelikde, syýahatçylar bu ýurduň 24 şäherinde gezelenç edip bilerler. Pandemiýanyň yzda galmagy bilen Hytaý has köp syýahatçyny çekmegi maksat edinýär. Hytaýyň Milli migrasiýa edarasynyň maglumatyna görä, şu ýylyň üçünji çärýeginde ýurda baranlaryň sany 2014-nji ýyldakydan bäri iň ýokary derejä ýetipdir.



**Akmämmet ANNAMUHAMMEDOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Emeli adada aeroport gurulýar

Hytaýda emeli adanyň üstünde howa menzili gurulýar. Taslamanyň bahasynyň 4 milliard ýewrodan gowrakdygy mälim edildi. 2035-nji ýylda ulanmaga beriljek Dalýan Szinçžouwan atly halkara aeroportyň Gonkongyň hem-de Ýaponiýanyň Kansaý halkara aeroportlaryndan uly boljakdygy mälim edildi. Dalýan şäherinde gurulýan 20 inedördül kilometr meýdany eýeleýän bu howa menzili şäheriň ozalky halkara aeroportynyň ornuny tutar. Aeroportda jemi dört uçuş-gonuş zolagy hem-de umumy meýdany 900 müň inedördül metre ýetýän terminallar bolar.



**Bahar ATAÝEWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň mugallymy.*

## Milli mirasyň göwher hakydasy

Häzirki wagtda Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly täze kitabynyň tanyşdyrylyş dabaralary Diýarymyzyň ähli ýerlerinde giň gerime eýe bolýar. Munuň özi türkmen halkynyň Milli Lideriniň döwlet galamyna degişli bolan gymmatly esere gyzyklanmanyň ýokarydygynyň alamatydyr.



«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly uly üstünlikler bilen taryha ýazylýar. Halkymyzyň döreden milli gymmatlyklary, baý taryhy babatda durmuşa geçirilen ylmy-filosofiki, çeper mazmunly işler geljekki nesillerimiz üçin gymmatly hazynamyzdyr. Gahryman Arkadagymyzyň hut şu jähetden ilimize serpaý eden eserleri türkmen paýhasynyň kemala gelmeginde tapylgysyz milli, ruhy we medeni gymmatlygymyzdyr.

Bilşimiz ýaly, ajaýyp zamanamyzyň her bir güni taryhy ösüşlere, şanly senelere beslenip gelýär. Gahryman Arkadagymyzyň paýhasyndan, jöwher zehininden dörän ajaýyp eser bolan «Hakyda göwheri» atly kitap elimize gelip gowuşdy. Gahryman Arkadagymyzyň ylmy-filosofik eserleri watandaşlarymyz üçin durmuş we döredijilik şamçyragydyr. Halkymyzyň şöhratly taryhyny, baý medeni mirasyny, nusgalyk döwletlilik ýörelgelerini beýan edýän, olary täze many-mazmun bilen baýlaşdyrýan bu eserler ýaş nesilleri watançylyk, belent ahlaklylyk, ýokary ynsanperwerlik ruhunda terbiýelemekde gymmatly hazynadyr. «Hakyda göwheri» Gahryman Arkadagymyzyň halkymyzyň şöhratly taryhy hem-de edebi mirasy hakyndaky toplan maglumatlarynyň paýhas dürüdir.

Türkmen we iňlis dillerinde beýan edilen, iki bapdan hem-de on bir bölümden ybarat bolan bu ajaýyp kitabyň terbiýeçilik ähmiýeti uludyr.

Bu eser halkymyzyň baý taryhy durmuşyndan söz açýan ylmy garaýyşlaryň beýanydyr. Kitap girişden, iki bapdan ybaratdyr. «Taryha syýahat» babynda şöhratly türkmen taryhy we medeni ýadygärlikleri hakynda hem-de «Ruhy miras» babynda türkmen halkynyň ruhy-medeni mirasynyň köpöwüşginli gymmatlyklary dogrusynda maglumatlar beýan edilýär.

Gahryman Arkadagymyzyň türkmen halkyna peşgeş berýän, şeýle ajaýyp kitaplarynyň höwri köp bolup, döwet galamy elmydama ýiti bolsun. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman, tutumly işleri elmydama rowaçlyklara beslensin.

**Merjen NOBATOWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby.*

## Saglyk arassaçylykdan başlanýar

Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň habaryna görä, saglyk diňe bir sagdyn durmuş ýörelgesine eýermek bilen gazanylman, eýsem, munuň üçin arassaçylyk işlerini doly we dogry berjaý etmek hem möhümdir. Hünärmenleriň bellemegine görä, arassaçylyk adamlaryň uzak we sagdyn ýaşamagyna täsir edýän esasy aýratynlyklaryň biridir.

Arassaçylyk şahsy we jemgyýetçilik arassaçylygy diýen iki topara bölünýär.



Şahsy arassaçylyk bedeniňi, üst-başyňy arassa saklamagy, nahardan öň we soň eliňi sabynlap ýuwmagy, wagtly-wagtynda ýuwunmagy, egin-eşikleri we öý goşlaryny arassa saklamagy, gap-gaçlary talabalaýyk ýuwmagy we öýdäki tämizlik işlerini öz içine alýar.

Jemgyýetçilik arassaçylygy daş-töweregi arassa saklamakdan başlap, galyndylary, öýden çykýan hapalary bellenen ýerde zibil gutularyna taşlamagy, öýüň daş-töweregini arassa saklamagy, ýollary süpürmegi, köpçülikleýin ulanylýan esbaplary we jemgyýetçilik ýerlerini zyýansyzlandyryjy serişdeler bilen ýuwmagy, jemgyýetçilik ulaglaryny hapalamazlygy öz içine alýar. Arassaçylyk ýokanç keselleriň öňüni almaga hem ýardam edýär. Gyş paslynda howada wirusyň we bakteriýalaryň köpelýändigini göz öňünde tutmak bilen arassaçylyk işlerine has ünsli çemeleşmeli.

Öýleri her gün 2-3 sapar ýelejiretmeli. Şeýle hem otaglary tertipläp, hepdede 3-4 gezek tozan sorujy bilen arassalamaly. Mebeldir aşhana enjamlaryndan başlap, penjiredir ownuk-uşak öý esbaplaryna çenli, ähli ýeriň tozanyny süpürmeli.

Nahar taýýarlananda arassaçylyk amallaryny dogry berjaý etmeli. Gök önümdir azyk önümlerini bellenen şertlerde saklamaly. Gap-gaçlary wagtynda ýuwmaga üns bermeli we doly guramazdan ýygnamaly däl. Saçaga goýulýan miwedir gök önümleri talabalaýyk ýuwmaly. Et we gök önüm dogralýan tagtadyr pyçagy hersi üçin aýratynlykda ulanmak aşhanada berjaý etmeli esasy düzgünleriň biridir.

Umuman, öýde amala aşyrylýan arassaçylyk düzgünlerini köpçülik ýerlerinde hem berjaý etmeli. Haýsydyr bir iýmitiň gabygyny, suw çüýşesini ýa-da ulanylan çyglandyrylan el süpürgijini ýere taşlamakdan saklanmaly. Daş-töweregi arassa saklamak göze gelşikli görünmek bilen bir hatarda, saglygymyz üçin hem wajypdyr. Ekologiýany arassa saklamak her birimiziň borjumyzdyr.

**Aýna ŞADURDYÝEWA,**
*Kerki etrabynyň Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň hünärmeni.*

## «AKYLLY» ŞÄHERLER – GELJEGIŇ ŞÄHERI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Halkara ylmy-tehniki hyzmatdaşlygyň geljekki ugurlary, ýokary tehnologiýaly önümçilikleri döretmekde toplanan tejribeler, sebit we ählumumy derejede ylmy-tehniki wezipeleri çözmek meselelerine garaldy. Daşary ýurtly alymlar Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetinde «akylly» tehnologiýalar ulgamynda alnyp barylýan ylmy-barlag işlerine ýokary baha berdiler.

Şu ýylyň 3-nji oktýabrynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisinde Gahryman Arkadagymyz «Arkadag şäherini 2024–2052-nji ýyllarda ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda, Arkadag şäheriniň ähli ulgamlarynda sazlaşykly we durnukly ösüşi gazanmagyň, şäheriň dolandyryş ulgamyna sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak, olary yzygiderli kämilleşdirmek arkaly ilatyň ýaşamagyna, zähmet çekmegine, dynç almagyna gönükdirilen amatlyklary yzygiderli üpjün etmegiň zerurdygyny belledi. Çykyşlarda bellenilişi ýaly, «akylly» şäherleri kemala getirmekde uly üstünlikleri gazanmak maksady bilen, häzirki wagtda Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň «Oguz han» ylmy-tehnologiýalar merkezinde daşary ýurtly hünärmenler, inženerler, alymlar, professorlardyr mugallymlar bilen bilelikde «akylly» öý, şäher we internet enjamlaryna, olaryň dolandyrylmagyna, kiberhowpsuzlygynyň üpjün edilmegine degişli häzirki zaman tejribeleri yzygiderli öwrenilýär.

Halkara ylmy-amaly maslahatyň esasy mejlisiniň dowamynda Arkadag şäherine Koreýa Respublikasynyň «Data Science Technology International Co., Ltd.» we «Sawwave Co., Ltd.» kompaniýalarynyň,



Hindistanyň Çitkara uniwersitetiniň, Türkiýe Respublikasynyň Bilkent uniwersitetiniň Milli nanotehnologiýa ylmy-barlag merkeziniň, Russiýa Federasiýasynyň «Moskwanyň Inžener-fiziki instituty» Milli ylmy-barlag ýadro uniwersitetiniň zatlaryň interneti esasynda infrastrukturany ösdürendigi, intellektual ulag ulgamlary, energik taýdan netijeliligi ýokarlandyrmak boýunça çözgütleri, daşky gurşawy gözegçilikde saklaýandygy we dolandyrýandygy üçin üstünlik şahadatnamalary, şeýle hem ekologik taýdan arassalygy üçin Koreýa Respublikasynyň «Data Science Technology International Co., Ltd.» hem-de «Sawwave Co., Ltd.» kompaniýalarynyň, Rumyniýanyň Milli ylym we tehnologiýa uniwersitetiniň, Türkiýe Respublikasynyň Izmir tehnologiýa institutynyň, Özbegistanyň Samarkant döwlet uniwersitetiniň hil taýdan tapawutlylyk we üstünlik şahadatnamalary gowşuryldy.

Maslahatyň işi bölümçelerde dowam etdi. Olarda innowasion tehnologiýalary ösdürmekde halkara barlaglaryň netijelerine, ylmyň, önümçiligiň we senagatyň ileri tutulýan ugurlaryna, nano-, bio-, maglumat, sanly, «akylly» tehnologiýalaryň işlenip taýýarlanylyşyna, kiberhowpsuzlyk tehnologiýalaryna, emeli aň, maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryna, kompýuter, ylmy gazanylanlaryň bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmek, ýurdumyzda innowasion tehnologiýalary işläp taýýarlamak işine ýaşlary çekmek meselelerine garaldy.

Forumyň çäklerinde guralan tehnologiýalar sergisinde «akylly» öý we şäher tehnologiýalary tanyşdyryldy. Şeýle hem uniwersitetiň «Oguzlar» döredijilik toparynyň konserti, «FoodTech» atly ekologik taýdan arassa önümleriň festiwal-ýarmarkasy, «CraftTech» atly hünärmentçilik-senetçilik önümleriniň sergisi, kibersportuň dürli görnüşleri boýunça talyplaryň arasynda «SportTech» bäsleşigi, ýokary okuw mekdebi bilen tanyşdyrylyş gezelenji guraldy.

## TEBIGAT WE EKOLOGIÝA

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Howanyň üýtgemegi barada Türkmenistanyň Milli strategiýasynyň çäklerinde ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda emele gelýän ýyladyşhana gazlarynyň, esasan hem, metan zyňyndy gazlarynyň möçberlerini yzygiderli azaltmak ugrunda durmuşa geçirilýän işleriň netijeliligine gözegçiligi güýçlendirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň karary esasynda Metan zyňyndy gazlaryny azaltmak boýunça Türkmenistanyň pudagara topary hem döredildi.

Türkmenistan bu ugurda ähli gyzyklanma bildirýän taraplar, şol sanda BMG, Ýewropa Bileleşigi, Germaniýanyň Halkara Hyzmatdaşlyk Jemgyýeti, ABŞ-nyň Halkara Ösüş Agentligi (USAID) bilen halkara hyzmatdaşlyk etmek boýunça işleri alyp barýar.

Ýaşaýan ýerindäki daşky gurşawyň arassalygy, durmuş şertleriniň ýagdaýy ynsan saglygy üçin uly ähmiýete eýedir. Eziz Diýarymyzyň tebigy gözelliklerini gorap saklamakda, ony has-da baýlaşdyrmakda tutumly işler durmuşa geçirilýär. Tebigaty goramak we daşky gurşawyň arassa bolmagyny üpjün etmek baradaky taýsyz tagallalar, ilkinji nobatda, halkymyzyň beden we ruhy taýdan sagdyn bolmagyna gönükdirilendir.

Gözel Diýarymyz bagy-bossanlygy bilen akylyňy haýrana goýýar. Ýurdumyzda her ýylyň ýaz we güýz möwsümlerinde bag ekmek boýunça ählihalk dabaralarynyň geçirilip, nahallaryň köpçülikleýin oturdylmagynyň bagy-bossanlygy döretmekdäki ähmiýeti uludyr. Soňky sanlyja ýylyň içinde ak mermerli Aşgabadyň daş-töwereginde, şeýle-de Arkadag şäheriniň we we-



laýatlaryň çäklerinde millionlarça düýp agaç nahallary oturdyldy. Şonuň bilen baglylykda, oturdylan pürli, saýaly, miweli agaçlaryň nahallary bu gün barha boý alyp, özboluşly gözellik emele getirýär. Adam eli bilen döredilýän şeýle gözellikler ýaşaýşyň ekologiýa taýdan arassa gurşawyny döretmäge hem ýardam edýär.

Şu şanly ýylymyzda hem hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen ýazky we güýzki bag ekmek möwsümlerine dabaraly badalga berildi. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň güýzünde geçen ählihalk bag ekmek dabarasynyň barşynda Gökdepe etrabynyň täze Köpetdagyň ýalkymy obasynda dürli nahallaryň ýüzlerçesi oturdyldy. Obanyň gözelligini artdyran şol agaçlara yzygiderli ideg edilýär. Nesip bolsa, sanlyja ýyldan şol agaçlar saýa salar. Oba ilaty onuň hözirini görer. Şeýle gözellikleriň döredilmegine etrabyň ýaşlarynyň hem saldamly goşantlarynyň bardygyny buýsanç bilen bellemek gerek.

Ata Watanymyzy bagy-bossanlyga öwren Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşlarymyz çäksizdir.

**Mährijemal ATABALLYÝEWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň mugallymy.*

## Bazarlarda baýramçylyk harytlarynyň bolçulygy

Täze ýyl baýramçylygy golaýlaşdygyça ak bazarlaryň we söwda nokatlarynyň gelim-gidimi artyp, söwda barha gyzyşýar. Şu günler paýtagtymyzyň, Arkadag şäheriniň hem-de welaýatlaryň çägindäki bazarlara we söwda nokatlaryna baranyňda hem muňa göz ýetirmek bolýar.

Ýurdumyzyň ähli bazarlarynda we söwda merkezlerinde halkymyza edilýän söwda hyzmatlarynyň derejesi göwnüňi göterýär. Bu bazarlarda alyjylara ekologiýa taýdan arassa önümler hödürlenýär. Olaryň arasynda azyk önümleriniň örän köp görnüşleri, Täze ýyl arçalary we olara niýetlenen zerler, çyrajyklar, beýleki harytlar bar. Elýeterli nyrhdan hödürlenýän şol önümlerdir harytlara islegiň örän ýokary bolmagy olaryň hiliniň gowudygy bilen baglanyşyklydyr. Gök-bakja önümleri, ir-iýmişler, etdir süýt önümleri, datly şerbetler, garaz, baýramçylyk saçagy üçin ähli zat bazaryň degişli bölümlerini bezeýär.



Bazaryň satyjylary alyjylara gerekli harytlary saýlamak üçin hem degerli maslahatlaryny berýärler. Bu ýerde örän tagamly hem ýokumly süýjüler Täze ýyl sowgatlary görnüşinde aýratyn bölümlerde satylýar. Owadan gutulardaky we sebetlerdäki sowgatlaryň, şeýle-de sowgatlyk toplumlarynyň aglabasy ýerli telekeçilere degişli önümlerdir.

**Ahmet SYLAPOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Täze ýylyňyz gutly bolsun!

Mähriban ildeşler! Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugy Sizi ýetip gelýän Täze ýyl baýramçylygy bilen tüýs ýürekden gutlaýar. Siziň baýramçylyk dabaralaryny asuda hem bagtyýarlykda geçirmegiňiz üçin Täze ýyl dabarasynyň bezegi bolan arçalar bezelende ýangyn howpsuzlyk düzgünleriniň dürs berjaý edilişini, baýramçylyk günleri elektrik hem gaz enjamlarynyň işjeňligini yzygiderli gözegçilikde saklamagy, arçanyň oturdylan ýerinde feýerwerkleri, bengal otlary ýakmagyň, partlaýjy jisimleri ulanmagyň howpludygyny ýatladýar.

Täze ýyl baýramçylyk dabaralarynyň geçiriljek ýerlerinde edaralaryň ýolbaşçylary tarapyndan çäräniň geçirilişine gözegçilik etmek üçin jogapkär nobatçylar bellenip, olar çäre başlamazdan öň ähli otaglary, ätiýaçlykdaky çykalgalary barlap, ýangyn howpsuzlyk düzgünleriniň talabalaýyklygyna, otaglaryň ilkinji ýangyn söndüriş enjamlary bilen üpjün edilendigine göz ýetirmeli. Dabaralaryň geçirilmegi üçin ikiden az bolmadyk halas ediş çykalgasy bilen üpjün edilen jaýlary ulanmaga rugsat bermeli. Dabaranyň geçirilýän wagtynda jaýlaryň ätiýaçlyk çykalga gapylarynyň aňsatlyk bilen açylmagyny üpjün etmeli. Belent ruh, bagtyýar ýylgyryş, naz-nygmatdan doly desterhan, ýagşy arzuw-umytlar bilen gadam basjak Täze ýylyňyz asuda, abadan, düşümli bolsun, eziz ildeşler!

*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugy.*

## Türkmen-eýran medeni dostlugy

Ýurdumyzda Türkmenistanyň we Eýranyň çagalarynyň dostluk hepdeligi geçirildi. Türkmen we eýran halklarynyň dostlukly gatnaşyklary öz gözbaşyny irki döwürlerden alyp gaýdýar. Şol gatnaşyklar bu günki gün işjeň häsiýete eýe bolup, şunda Türkmenistanda we Eýranda yzygiderli geçirilýän medeni çäreleriň hem uly orny bar. Diýarymyzda ilkinji gezek geçirilýän türkmen we eýran çagalarynyň dostluk hepdeligi olaryň üstüni ýetirdi. Bu çäräniň çäklerinde Türkmen döwlet gurjak teatrynyň Gahryman Arkadagymyzyň «Enä tagzym – mukaddeslige tagzym» atly kitabyndaky rowaýatlar esasynda sahnalaşdyran «Baky rowaýatlar» atly spektakly görkezildi.



Bu dostluk hepdeligi türkmen-eýran medeni gatnaşyklaryna aýratyn öwüşgin berýär. Türkmen-eýran medeni hyzmatdaşlygyna aýratyn ähmiýet berilýär. Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde pars edebiýatynyň wekilleriniň döredijiligi öwrenilýär. Iki ýurduň syýahatçylyk pudagyny ösdürmek, bu ugurda iş alyp barýan hünärmenlerimiziň tejribe alyşmaklaryny gazanmak maksady bilen, dürli çäreler guralýar. Çagalaryň dostluk hepdeligine bagyşlanan çäreler toplumy sungata höwesek çagalaryň öz zehinini açyp görkezmeklerinde ähmiýeti uludyr.

**Bagtygül GURDOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Halkara birleşigiň agzasy boldy

Gazagystan Respublikasynyň Almaty şäheriniň Gazak sport we syýahatçylyk akademiýasynda Bedenterbiýe we sport uniwersitetleriniň halkara birleşiginiň nobatdaky mejlisi geçirildi. Bedenterbiýe we sport uniwersitetleriniň halkara birleşiginiň çözgüdi bilen Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty abraýly halkara birleşigiň agzalygyna resmi taýdan kabul edildi.



Degişli şahadatnama Bedenterbiýe we sport uniwersitetleriniň halkara birleşiginiň ýolbaşçysy K.Zakirýanow tarapyndan Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutyna wekilçilik edýän Talyplar sport klubunyň başlygy, Türkmenistanyň Milli talyplar sport federasiýasynyň baş kätibi S.Gurdowa dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

Bedenterbiýe we sport uniwersitetleriniň halkara birleşigi (International Association of Universities of Physical Culture and Sport) dünýä jemgyýetçiliginiň öňdebaryjy 60-dan gowrak bedenterbiýe we sport ugurly ýokary okuw mekdeplerini özüne birleşdirip, bilelikde ylmy-barlag işleri geçirmek hem-de halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek maksady bilen döredilendir. Birleşigiň esasy wezipesi bedenterbiýäniň we sportuň ähmiýetini dünýä derejesinde ýokarlandyrmakdan, sagdyn durmuş ýörelgeleriniň pugtalandyrylmagyna goşant goşmakdan ybaratdyr.

**Altyn METDÄÝEWA,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*



## Emeli hemra toruny döreder

Ýewropa Bileleşigi 290 emeli hemradan ybarat tor döreder. Biri-birleri bilen baglanyşykly bolan enjamlaryň geçirijilik güýji 1000 emeli hemranyňka barabar bolar. Emeli hemralar teleýaýlym, internet, howanyň ýagdaýy we beýleki aragatnaşyk maksatlary üçin peýdalanylar. Umumy bahasy 10 milliard ýewro boljak iri taslama «Airbus», «Deutsche Telekom», «Thales Alenia Space» we «Telespazio» ýaly Ýewropanyň kosmos senagatynda iş alyp barýan iň uly kompaniýalar tarapyndan durmuşa geçiriler.

Häzirki wagtda Ilon Maskyň ýolbaşçylyk edýän «SpaceX» kompaniýasynyň «Starlink» atly maksatnamasynyň çäklerinde ýüzlerçe kiçi göwrümli emeli hemra kosmosa uçuryldy.

**Arslan BAÝJANOW,**
*Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrap döwlet notarial edarasynyň döwlet notariusy, 1-nji derejeli ýurist.*



## Ýolagçy sany 4 milliarddan geçer

Şweýsariýanyň «M1nd-set» agentligi dünýäniň syýahatçylyk pudagy barada täze maglumat taýýarlady. Maglumata görä, geljek ýyl dünýäde uçar arkaly syýahat edýän ýolagçylaryň sany 4,22 milliarda ýeter. Bu görkeziji 2024-nji ýyldakydan 8,3 göterim ýokary bolar. Ýewropa ýurtlary 2 milliard ýolagçy bilen uçar gatnawynda birinji bolmagynda galar. Şeýle-de bolsa, sebitiň ýolagçylarynyň global ýolagçylaryň arasyndaky paýy azalar. Netijede, dünýäde halkara gatnawdan peýdalanýan ýewropalylaryň sany umumy ýolagçylaryň 46,9 göterimini emele getirer. Aziýa-Ýuwaş ummanynyň global gatnawdaky paýy artyp, 25,5 göterime ýeter. Bilermenler sebitiň ýaşaýjylarynyň halkara syýahata has köp gitmeginde ykdysady ösüşiň täsiriniň bardygyny belleýärler.

**Ogulşat HAŞYROWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*



## Dünýäniň iň gymmat brendleri

«Visual Capitalist» kompaniýasy 2024-nji ýylyň iň güýçli kompaniýalaryny mälim etdi. Bu brendler diňe öz iş alyp barýan pudagynda däl, şol bir wagtyň özünde dünýä bazaryndaky beýleki brendlere hem täsir edýär. Sanawda tehnologiýa kompaniýalarynyň öňdeligi eýeleýändigini görmek bolýar. Birinji ýeri «Apple» eýeleýär. Bazar bahasy 3,099 trillion dollar bolan kompaniýa tehnologik ekoulgamy bilen sanly hyzmatlar pudagyna uly täsir edýär. Ikinji we üçünji ýeri «Microsoft» hem-de «Google» eýeleýär. Bölek söwda pudagynda iş alyp barýan «Amazon» dördünji, smartfon öndürmegi bilen tanalýan «Samsung» bäşinji ýeri eýeleýär. «Walmart», «TikTok/Douyin», «Facebook», «Deutsche Telekom» we ICBC ilkinji onlugy jemleýär.

**Eziz NURMYRADOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

ZAMAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Dekabr aýynyň 20-si, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-115399
Belgisi: 51/1617
Tiražy: 9047
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

▶ **Gymmada satylan kartina.** Amerikaly suratkeş Robert Raýmanyň 1970-nji ýylda «çeken» ak suraty Berlinde geçirilen Ketterer Kunst auksionynda 1,4 million dollara satyldy. Alyjynyň ady äşgär edilmeýär. «General 52x52» atly bu surat, hakykatda, hiç hili suratsyz çarçuwaly kendirdir.



▶ **Seýrek artefakt tapyldy.** Niderlandlardan bir höwesjeň Witmarsum şäheriniň golaýyndaky ekin meýdanynda wikingleriň döwrüne degişli seýrek duş gelýän tapyndyny ýüze çykardy. Ol tapyndy ýabany ýekegapanyň şekili bilen bezelen X asyra degişli gylyjyň sapydyr.



▶ **Ýokary tizlikli otlular üçin ugurlar.** Hytaýda sagatda tizligini müň kilometre ýetirip bilýän maglew otlulary üçin täze ugurlaryň gurluşygyna girişildi. Uzynlygy 48,7 kilometr bolan otly şahasy Hunan welaýatynyň Çanşa we Lýuýan şäherlerini birleşdirer. Taslamanyň bahasynyň, takmynan 1,4 milliard dollar boljakdygy çaklanylýar.



▶ **Gadymy piramida ýüze çykaryldy.** Meksikanyň Idalgo sebitinde gurluşykçylar awtoýol çekip ýörkäler 1 müň 375 ýaşly piramidanyň üstünden bardylar. «Tapyndy arkaly 14 müň ýyllyk taryhy geçmişi ýzarlap boljak. Bu ýadygärlik sebitiň baý geçmişini görkezýär» diýip, San-Agustiniň syýahatçylyk boýunça başlygy Ektor Labra Çawes belledi.



▶ **Iň beýik diňiň gurluşygy togtadyldy.** ABŞ-da 1,6 milliard dollarlyk iň beýik bina boljak Oklahoma-Sitidäki «The Boardwalk at Bricktown» diňiniň taslamasy awiasiýa howpsuzlygy bilen bagly aladalar sebäpli 2025-nji ýyla çenli togtadyldy. Bilermenler 581 metr beýiklikdäki diňiň sebitdäki howa menzilleri üçin kynçylyk döredip biljekdigini aýdýarlar.



▶ **78 göterim ýzgaryny ýitirdi.** Soňky 30 ýylda gury ýeriň 77,6 göteriminde ýzgaryň derejesi ep-esli azaldy, gurak ýerleriň meýdany bolsa 7,6 göterim ulaldy. Bu barada BMG-niň Çölleşmä garşy göreş konwensiýasynyň (UNCCD) täze hasabatynda bellenilýär. Seljermelere görä, soňky 30 ýylda gurak ýerleriň meýdany 37,5 göterimden 40,6 göterime çenli artypdyr.



▶ **Urup duran ýürek goýuldy.** Italiýanyň Paduýa şäherinde kardiohirurglar dünýäde ilkinji gezek urup duran ýüregi 65 ýaşly erkek kişä transplantasiýa etdiler. «Hassanyň ýagdaýy gowy. Bu usulyň aýratynlygy ýüregiň donordan alnan pursatyndan başlap, implantasiýa tamamlanýança işjeň urmagydyr» diýip, baş hirurg Jino Jerozan aýtdy.



▶ **Täze aýdymlary tapyldy.** ABŞ-nyň Kaliforniýa ştatynyň ýaşaýjysy Gregg Masgrow San-Fransiskoda satyn alan ammaryndan meşhur aýdymçy Maýkl Jeksonyň öň mälim bomadyk aýdymlary ýazgy edilen birnäçe kassetany tapdy. Lentalarda Jeksonyň, takmynan 1989-njy ýyldan 1991-nji ýyla çenli işlän 12 sany çykarylmadyk aýdymlary bar eken.



▶ **Iň girdejili syýahat.** Amerikaly aýdymçy Teýlor Swiftiň «Eras» konsert syýahaty rekord derejede 2,08 milliard dollar ýygnap, aýdym-saz taryhynda iň şowly syýahat boldy. Bu puluň möçberi öňki rekordlardan iki esse köpdür. Teýlor Swift öz konsert syýahatynyň çäklerinde 149 gezek çykyş etdi. Petegiň ortaça bahasy 204 dollar boldy.



▶ **Ermitaža 3,2 million adam bardy.** «Sankt-Peterburgdaky meşhur Ermitaž muzeýi tamamlanyp barýan ýylda 3,2 million adamy kabul etdi» diýip, muzeýiň direktory Mihail Piotrowskiý habar berdi. Piotrowskiý «Muzeýe gelýänler köp bolsa, köp gazanç etmek hem bolar» diýen pikiriň sungat öýüniň ruhy dünýäsine zeper ýetirýändigini nygtady.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1883-nji ýylyň 20-nji dekabrynda ABŞ bilen Kanadanyň arasyndan geçýän Niagara şarlawugynyň üstünden gurlan ilkinji konsol köprüsi resmi taýdan açylyp, ulanmaga berilýär. Bu köpriniň gurluşygynda, takmynan 2 müň 50 tonna demir we polat ulanylyp, 70 göterimi demirden gurulýar.**



# Tramp öz administrasiýasyny döredýär

**ABŞ-nyň täze saýlanan Prezidenti Donald Tramp, möhüm wezipelere sekiz milliarderi işe alyp, taryhdaky iň baý Prezident administrasiýalarynyň birini döredýär. Bu barada ABŞ-nyň «Newsweek» žurnaly habar berýär.**

Şeýlelik bilen, baýlygy 336 milliard dollar diýlip çak edilýän Ilon Mask we paýnamalary, takmynan 1,1 milliard dollar bolan Wiwek Ramaswamy hökümetiň netijeliligini ýokarlandyrmak we býurokratiýa garşy göreş boýunça dörediljek täze ministrlige ýolbaşçy wezipelere teklip edildi. Trampyň döwründe hasabyndaky 3,4 milliard dollary bilen «Stefens Inc» maýa goýum kompaniýasynyň başlygy Worren Stiwens ABŞ-nyň Beýik Britaniýadaky ilçisi wezipesine bellener. Tramp 2,9 milliard dollarlyk deweloper kompaniýasynyň eýesi Çarlz Kuşneri Amerikanyň Fransiýadaky ilçisi wezipesine teklip etdi.

Tramp belli milliarder Wins Makmeonyň (3 milliard dollar) aýaly Lindany bilim ministi wezipesine, «Cantor Fitzgerald» maýa goýum firmasynyň baş direktory milliarder Goward Lýutniki bolsa, söwda ministri wezipesine hödürledi.



Donald Tramp ABŞ-nyň Ýakyn Gündogardaky ýörite wekili wezipesine maýa goýujy Stiw Witkoffy saýlady. Onuň paýnamalarynyň bahasynyň azyndan 1 milliard dollara deňdigi habar berilýär. Şeýle hem «Key Square Group» maýa goýum gaznasynyň başlygy milliarder Skott Bessant maliýe ministri wezipesine dalaşgär görkezildi.

«Newsweek» žurnaly Trampyň teklip eden dalaşgärleriniň köpüsiniň 20-nji ýanwarda boljak kasam kabul edişlik dabarasyndan soň Senat tarapyndan tassyklanjakdygyny belleýär.

Tramp şu ýylyň 5-nji noýabrynda geçirilen ABŞ-nyň nobatdaky saýlawlarynda ýeňiş gazandy. Tramp bu saýlawlarda dolandyryjy Demokratik partiýanyň dalaşgäri Kamala Harrisden öňe saýlandy. Tramp birinji gezek 2017-2021-nji ýyllarda amerikan administrasiýasynyň başlygy wezipesini eýeläpdi. Onuň ABŞ-nyň taryhynda arakesme bilen iň ýokary hökümet wezipesini eýelän ikinji Prezident boljakdygy bellenildi. Mundan öň Grower Kliwlend XIX asyrda ýurduň 22-nji we 24-nji Prezidenti bolupdy. Indi Tramp ABŞ-nyň 45-nji we 47-nji Prezidenti bolar.

### Tramp «Ýylyň adamy» boldy

● «Time» žurnaly ABŞ-nyň täze saýlanan Prezidenti Donald Trampy «Ýylyň adamy» hökmünde ykrar etdi. Neşir ony «Dünýäniň iň güýçli adamy» diýip baha berdi. Beýanatda Trampyň syýasy taýdan gaýdyp gelmeginiň Amerikanyň taryhynda aýratyn wakadygy bellenilýär.

«Tramp soňky dört aýda iki demokrat bäsdeşinden üstün çykyp, «yrga» ştatlaryň ählisinde ýeňiş gazandy we soňky 20 ýylda halkyň ses bermeginde ynamly ýeňiş gazanan ilkinji respublikaçy boldy. Ol Respublikan partiýasyny gaýtadan gurup, amerikan syýasatyny özgertdi» diýlip, «Time» žurnalynda bellenildi.

«Time» žurnaly «Ýylyň adamy» adyny 1927-nji ýyldan bäri berýär. Ony redaksiýanyň pikiriçe, soňky 12 aýda dünýä uly täsirini ýetiren şahsyýetler alýar. Şu ýyl bu at üçin ABŞ-nyň wise-prezidenti Kamala Harris, işewür Ilon Mask we Meksikanyň taryhynda ilkinji zenan Prezident Klaudiýa Şeýnbaum dalaş etdi. Geçen ýyl «Ýylyň adamy» adyna aýdymçy Teýlor Swift eýe bolupdy.

# Şweýsariýanyň täze Prezidenti

Öň maliýe ministri we ýurduň wise-prezidenti bolup işlän şweýsariýaly syýasatçy Karin Keller-Zutter 2025-nji ýylda döwlet Baştutany wezipesine saýlandy. Bu barada Şweýsariýanyň Federal ýygnagy (parlament) özüniň jemgyýetçilik ulgamyndaky resmi sahypasynda habar berdi.

203-den 168 ses alan Keller-Zutter 2025-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda wezipesine girişer. Wise-prezident wezipesine saýlanan Gi Parmelen ozal Şweýsariýanyň ykdysadyýet ministri bolup işledi. Şweýsariýa – federal parlament Respublikasydyr. Prezident parlament tarapyndan Federal Geňeşiň (Hökümet) agzalarynyň arasyndan bir ýyl möhlet bilen gaýtadan saýlanmak hukugy bolmazdan saýlanýar. 2024-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan 31-nji dekabryna çenli bu wezipäni Wiola Amherd eýeleýär.

1963-nji ýylda doglan Keller-Zutter Sýurih amaly ylymlar uniwersitetiniň terjimeçilik bölüminde okady, soňra Friborg uniwersitetinde pedagogika ugrundan aspiranturany tamamlady.



1992-nji ýylda syýasy karýerasyna başlamazdan öň, mekdepde mugallym bolup işledi. 2023-nji ýylda britan gazeti «The Financial Times» ony ýylyň iň täsirli 25 zenanynyň sanawyna goşdy.

# Gruziýanyň Prezidenti boldy

Gruziýanyň parlamenti öňki futbolçy we parlamentiň ozalky wekili Mihail Kawelaşwilini döwlet Baştutany wezipesine saýlady.



«Gruzin arzuwy – Demokratik Gruziýa» dolandyryjy partiýasy tarapyndan hödürlenen dalaşgär ýurduň ilkinji göni däl Prezident saýlawlarynda ýeke-täk dalaşgär boldy. Kawelaşwili parlamentiň 300 wekilinden 224 ses aldy. Prezident bolmak üçin, azyndan 200 ses zerurdy.

Şeýlelikde, 14-nji dekabrda Gruziýada ilkinji gezek Prezident 300 adamdan ybarat Saýlaw kollegiýasy tarapyndan saýlandy. Bu kollegiýa bir palataly parlamentiň 150 wekilini, Abhaziýa awtonom Respublikasynyň ýokary wekilçilikli edaralarynyň 20 wekilini, Ajariýadan 21 wekili we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň 109 agzasyny öz içine alýar.

Kawelaşwili Gruziýanyň hökümetiniň «Ýewro integrasiýa prosesini togtatmaýandygyny, diňe Ýewropa Bileleşiginden birek-birege hormat goýulmagyny isleýändigini» belledi. «Biz Ýewropa Bileleşigi bilen anyk kesgitlenen uzak möhletli prosesi meýilleşdirdik. Biz bu barada hemişe ýatlap geçýäris we köpçüligi habardar edip durýarys» diýip, Mihail Kawelaşwili aýtdy.

Kawelaşwili 1991-2002-nji ýyllar aralygynda Gruziýanyň milli futbol ýygyndysynda hüjümçi bolup çykyş etdi. Häzir 53 ýaşly Kawelaşwili özüniň futbol karýerasynda Tbilisiniň «Dinamosynda» (Gruziýa), «Mançester Sitide» (Angliýa) we Wladikawkazyň «Spartak-Alaniýasynda» (Russiýa) çykyş etdi. Kawelaşwili 2006-njy ýylda sport karýerasyny tamamlady, şondan soň syýasat bilen işjeň gyzyklanyp ugrady.

# Nebit ministri OPEK-iň başlygy boldy

Eýranyň nebit ministri Mohsen Paknežad 2025-nji ýylda OPEK-iň başlygy wezipesine saýlandy. Bu barada Eýranyň resmi habarlar gullugy IRNA habar berdi.

OPEK web sahypasyndaky metbugat üçin beýanatynda geljek ýyl üçin başlyk saýlanandygyny tassyklady we Gabonyň nebit ministri Marsel Abeke 2024-nji ýylda guramanyň başlygy hökmünde ýolbaşçylyk edendigi üçin hoşallyk bildirdi. «Mohsen Paknežad guramanyň yzygiderliligini, agzybirligini we ösüşini goramak üçin ähli mümkinçiliklerden peýdalanjakdygyny aýtdy» diýlip beýanatda bellenilýär.



OPEK-iň metbugat üçin beýanatyna laýyklykda, OPEK konferensiýasy 2025-nji ýylyň 1-nji awgustyndan başlap, Haýsam al-Gaýsyň Baş sekretarlyk möhletini ýene üç ýyl uzaltdy. Guramanyň düzgünnamasyna laýyklykda, baş sekretar üç ýyllyk möhlete saýlanyp, diňe bir gezek gaýtadan saýlanyp bilner.

OPEK 13 ýurdy öz içine alýar: Alžir, Angola, Wenesuela, Gabon, Yrak, Eýran, Kongo, Kuweýt, Liwiýa, Birleşen Arap Emirlikleri, Nigeriýa, Saud Arabystany, Ekwatorial Gwineýa. Guramanyň ştab-kwartirasy Wenada ýerleşýär.

OPEK-iň başlyklygy 2025-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda Eýrana geçer.

# Möhletinden öň saýlawlar geçiriler

16-njy dekabrda Germaniýanyň Kansleri Olaf Şols Bundestagda geçirilen ses berişlikde ynam sesini alyp bilmedi. Şoňa görä, 23-nji fewralda ýurtda nobatdan daşary saýlawlar geçiriler. Parlamentde geçirilen ses berişlikde 207 deputat Şolsy goldady, 394 deputat garşy çykdy, 116 deputat bolsa, ses bermekden saklandy. Şolsuň ynam sesini almagy üçin 367 ses gerekdi. Ses berişligiň netijeleri yglan edilenden soň, Kansler Şols Prezident Frank-Walter Ştaýnmaýer bilen duşuşdy we nobatdan daşary saýlawlary geçirmek üçin parlamentiň ýatyrylmagyny teklip etdi.

6-njy noýabrda Germaniýanyň Kansleri Olaf Şols hökümet boýunça hyzmatdaşlarynyň – Sosial-demokratik partiýanyň (SPD), «ýaşyllar» we Erkin demokratik partiýanyň (FDP) wekilleri bilen bolan duşuşygynda, FDP-niň başlygy bolan maliýe ministri Kristian Lindneri wezipesinden çetleşdirdi. Bu maslahatdan soň, FDP partiýasy öz ministrlerini hökümetden yzyna çagyrdy we «ýolyşyk koalisiýasy» diýlip atlandyrylýan hökümet ýatyryldy.

Şols 11-nji dekabrda eden çykyşynda Germaniýanyň Konstitusiýasynyň 68-nji maddasyna laýyklykda, möhletinden öň parlament saýlawlaryny geçirmek maksady bilen 16-njy dekabrda parlamentden özüne bildirilýän ynamyň sese goýulmagyny talap edendigini habar berdi. Konstitusiýa laýyklykda, Prezident Premýer-ministriň teklibi boýunça parlamenti 21 günüň içinde ýatyrmaly, şondan soň nobatdan daşary ählumumy saýlawlar 60 günüň içinde geçirilmeli.



Sosial-demokratik partiýasy (SPD), «ýaşyllar» we esasy garşydaş partiýalar bolan Hristian bileleşiginiň (CDU/CSU) parlament toparlary saýlawlaryň geçiriljek senesini 2025-nji ýylyň 23-nji fewralyna bellediler. Saýlawlaryň geçiriljek güni barada gutarnykly karary Prezident Ştaýnmaýer kabul eder, ýöne partiýalar häzirden möhletinden öň geçiriljek saýlawlara taýýarlyk görüp başladylar.

# Işçi güýjüni robotlar eýeleýär

**Halkara robot tehnikalar federasiýasy (IFR) soňky ýedi ýylda dünýäniň zawodlarynda robotlaryň ulanylyşynyň iki esse artandygy barada geçirilen barlaglaryň esasynda hasabat çap etdi. Önümçilikde robotlaryň iň köp ulanylýan ýeri bolan ýurtlaryň sanawynda Koreýa Respublikasy birinji orunda durýar, Hytaý bolsa, 2023-nji ýylda bu görkeziji boýunça Germaniýadan we Ýaponiýadan öňe geçdi.**

**Hasabatda Koreýa Respublikasynyň senagat robotlarynyň iň köp ulanyjysydygy bellenilip, (10 müň işçiň ýerine 1012 robot) bu görkeziji 2018-nji ýyldan bäri her ýyl 5 göterim ýokarlanýar. Ondan soň Singapur gelip, ol ýerde 10 müň işçiniň ýerine 770 robot işleýär. Ilkinji üçlüge Hytaý birigip, ol ýerde 10 müň işçiň ýerine 470 robot işleýär. IFR-iň başlygy Takaýuki Itonyň pikiriçe, robotlaryň köplügi global önümçilikde awtomatlaşdyrmagyň derejesini görkezýär.**

**– Hytaýyň awtomatlaşdyryş tehnologiýasyna ummasyz maýa goýmagy, takmynan 37 million işçi güýjüne garamazdan, şeýle ýokary robot bolçulygyny gazanmaga mümkinçilik berdi – diýip, Ito aýtdy. Şeýle hem robotlaryň mukdarynyň görkezijisiniň dürli ýurtlarda önümçiligiň awtomatlaşdyryş derejesini deňeşdirmäge mümkinçilik berýän möhüm aýratynlykdygyny hem sözüniň üstüne goşdy.**



**Germaniýa we Ýaponiýa 10 müň işçiniň ýerine 439 we 419 robot bilen degişlilikde, dördünji we bäşinji orunlary eýeledi. ABŞ-da 10 müň işgäre 295 robot düşýär, bu IFR-iň sanawynda onunjydyr. Dünýäniň ortaça robot gürlügi 2023-nji ýylda 162 birlige ýetdi. Bu ýedi ýyl mundan öňki görkezijiden iki esse köp bolup, şol döwürde 10 müň işçä derek 74 robot işledilýärdi.**

# Fransiýanyň täze Hökümet Başlygy

Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron golaýda Fransua Baýruny ýurduň täze hökümetiniň Başlygy wezipesine belledi. Bu barada Ýeliseý köşgüniň beýanatynda bellenilýär. 73 ýaşly Baýru Prezidentiň «Bilelikde» syýasy koalisiýasyna girýän liberal «Demokratik hereket» (MoDem) partiýasynyň başlygydyr.

Baýru fransuz syýasatynyň weterany. Ol 1993-1997-nji ýyllarda Fransiýanyň bilim ministri boldy. 2017-nji ýylda Adalat ministrligine az wagtlyk ýolbaşçylyk etdi. Şeýle hem ol 2002-nji, 2007-nji we 2012-nji ýyllarda geçirilen Prezident saýlawlarynda dalaşgär hökmünde hödürlendi.

Baýrunyň düzmekçi bolýan Ministrler Kabineti Milli assambleýada (parlamentiň aşaky palatasy) ynanç bildirmezlik sesi bilen işinden çekilen Mişel Barnýeniň hökümetiniň ýerine geler. Milli mejlisiň agzalary 4-nji dekabrda Barnýeniň hökümetine ynanç bildirmezlik sesini beripdiler. Bu ses berişligi 331 deputat goldady. Hökümetiň agzalarynyň işinden çekilmegi üçin



288 ses ýeterlik boldy.

Mişel Barnýe işinden çekilýändigi barada Respublikanyň Prezidenti Emmanuel Makrona arza berdi. Ol täze Premýer-ministr bellenýänçä, öz wezipesini ýerine ýetirdi. Barnýe ygtyýarlyklaryny tabşyrandan soň öz hökümetiniň ministrlerine hoşallyk bildirdi.

# ÝYLYŇ IŇ GOWY SYÝAHATÇYLYK ŞÄHERLERI

**Fransiýanyň paýtagty Pariž syýahatçylyk ugurlary boýunça düzülen ýyllyk sanawda 2024-nji ýylyň iň gowy şäheri saýlandy. Dünýäniň öňdebaryjy 20 şäherinden ybarat sanaw Beýik Britaniýanyň «Euromonitor International» kompaniýasy tarapyndan taýýarlandy. Sanaw ykdysady we işewürlik netijeliligi, syýahatçylyk infrastrukturasynyň ösüşi, saglyk we howpsuzlyk derejeleri, şeýle-de daşarky wehimlere durnuklylyk ýaly birnäçe görkezijileriň seljermesine esaslanýar. Şäherleriň daşky gurşaw syýasaty hem nazara alyndy.**

**Pariž jahankeşdeleriň arasynda meşhurlygyny ýene-de bir gezek subut etdi. Sanawda ikinji orny Madrid, üçünji orny Tokio eýeleýär. Öňdebaryjylaryň bäşligine Rim we Milan hem girdi. Sanawa girizilenleriň arasynda Nýu-Ýork, Amsterdam, Sidneý, Singapur, Barselona, Taýbeý, Seul, London, Dubaý, Berlin, Osaka, Bangkok, Los-Anjeles, Stambul we Melburn hem bar. Bu sanaw jahankeşdelere syýahat etmek üçin ugurlary saýlamaga ýardam bermek, şeýle hem syýahatçylyk boýunça durnukly ösüşiň ähmiýetine ünsi çekmek maksady bilen düzülýär.**



# Täze ýyl syýahaty

**Köpler Täze ýyly öýde geçirýän bolsalar, käbir adam bu baýramçylygy owadan şäherlere gidip, Baş arçanyň ýanynda ýa-da owadan kenarda ýyldyzlaryň aşagynda garşy alýar. Täze ýyl agşamy diňe bir täze ýylyň başlangyjy bolman, eýsem, täze umytlaryň we arzuwlaryň hem başlangyjydyr. Gazetimiziň şu sanynda Täze ýyl baýramçylygyny dabaraly geçirýän şäherler barada maglumat bermegi makul bildik.**



**Nýu-Ýork.** Täze ýyl baýramçylygynyň iň meşhur geçirilýän ýerleriniň biri bolan Nýu-Ýork her ýyl millionlarça myhmany garşy alýar. 1907-nji ýyldan bäri Taýms meýdançasynda geçirilýän «top iteklemek» çäresi Täze ýyl baýramçylygynyň iň gyzykly dabaralarynyň biri hasaplanýar.



**London.** Syýahatçylaryň köpüsi Big Beniň jaňlarynyň sesi bilen Täze ýyly garşy alýar. London Täze ýyl baýramçylygynyň köp tomaşaly geçirilýän ýerleriniň biri hasaplanýar. Şäherde Temza derýasynda gaýykly gezelenç edip, feýerwerk şüweleňlerine ýakyndan tomaşa edip bolýar. Londonda bu baýramçylyk jadyly gijä öwrülýär.



**Rio-de-Žaneýro.** Braziliýanyň uly şäherleriniň biri bolan Rio-de-Žaneýronyň Kopakabana deňiz kenarynda geçirilýän «Reveillon» dabarasy iň gyzykly Täze ýyl güýmenjesi hasaplanýar. «Reveillon» dabarasynyň däp bolup gelýän düzgünlerine görä, hemmeler ak eginbaş geýip, deňiz kenaryna Täze ýyly garşy almaga gelmeli. Deňiz kenarynda aýdym-saz dabaralary, tanslar ýerine ýetirilip, Täze ýyl baýramçylygy feýerwerk şüweleňi we tolkunlara tarap ylgamak däbi bilen jemlenýär.

**Rim.** Täze ýyl baýramçylygyny gadymy däp-dessurlara görä bellemek isleýänler üçin Rim ajaýyp şäherleriň biridir. Bu şäheriň taryhy meýdançalarynda geçirilýän oturylyşyklar we dabaralar adamlary gadymyýete alyp gidýär. Maksimus sirkindäki konsertler we Kolizeý amfiteatryndaky feýerwerk şüweleňi Täze ýyl baýramçylygynyň gyzykly dabaralary hasaplanýar.





**Edinburg.** Şotlandiýanyň paýtagt şäheri 4 günlük «Hogmanay» festiwaly bilen Täze ýyl şatlygyny dünýä äşgär edýär. Janly aýdym-saz çykyşlary, fakelli (ujunda ot ýanýan taýak) ýörişler we feýerwerk uşyklary baýramçylygyň iň ajaýyp pursatlary hasaplanýar.



**Maui.** Gawainiň özüne çekiji adalarynyň biri bolan Maui Täze ýyl baýramçylygyny romantik ýagdaýda garşy almak isleýän jübütler üçin täsin ýerleriň biridir. Tropik gözelliklere baý adanyň kenarynda çägä ýazgy ýazyp, ýarygije ýylpyldaýan deňiz kenarlarynda gezelenç edip bolýar.



**Tokio.** Täze ýyl baýramçylygy Ýaponiýanyň paýtagtynda hem milli däp-dessurlar esasynda garşy alynýar. Şäheriň ýaşaýjylary Hatsumode ybadathanasyna baryp, jaň sesi bilen baýramçylygy garşy alýarlar. Tokioda Täze ýyl baýramçylygy parahatçylygyň başlangyjy diýlip atlandyrylýar.

# Saglyk üçin peýdaly çorbalar

**Gyş paslynda howanyň sowamagy bilen sowuklama we dümew alamatlary köpelýär. Bedeniň dümewe garşy göreşmegi bilen gowşaklyk alamatlary ýüze çykýar. Dümew alamatlaryny ýeňip geçmek üçin nahar sanawyna çorbanyň käbir görnüşlerini goşmaly. Hepdede 2-3 gezek çorba içmek bedeniň kesele garşy göreşijilik ukybyny güýçlendirmek bilen bir hatarda, saglyk üçin örän peýdalydyr. Geliň, witaminlere baý çorbanyň görnüşleri bilen tanyş bolalyň!**

**Towuk çorbasy.** Sowuklama ýa-da dümew alamatlary ýüze çykan halatynda beden üçin iň peýdaly iýmit towuk çorbasy hasaplanýar. Towuk çorbasy immuniteti güýçlendirmek bilen bir hatarda, suwsuzlygy gandyrmaga, witamin ýetmezçiliginiň öwezini dolmaga ýardam edýär. Towuk çorbasyna käşir goşulyp, limon sykylyp içilse, has-da peýdaly bolýar.

**Gök önümli çorba.** Antioksidant çeşmesi, witaminler, minerallar we süýüm – bularyň ählisi hem gök önümlerde jemlenýär. Gök önümlerden taýýarlanan çorba ýokumlylygy bilen tapawutlanyp, sowuklama we bokurdak agyrysy ýaly alamatlary azaltmaga ýardam edýär. Kädi, brokkoli, ýeralma, ysmanak, pomidor, noýba, nohut we gök otlar goşulyp taýýarlanan çorba immuniteti güýçlendirip, bedeniň alyş-çalşygyny kadalaşdyrýar.



**Ýaýla çorbasy.** Esasy düzümi gatyk bolan ýaýla çorbasy aşgazan-içege ulgamy üçin iň peýdaly tagamlaryň biridir. Ýaýla çorbasy probiotiklere we peýdaly bakteriýalara baý iýmitdir. Uly-kiçi hemme üçin lezzetli bolan bu çorba un, ýumurtganyň agy, gatyk we azajyk tüwi goşulýar. Tiz wagtda taýýarlap bolýan ýaýla çorbasy gyş paslynda halanýan naharlaryň biridir.

**Brokkoli çorbasy.** Witaminleri, minerallary, süýümi we antioksidantlary özünde jemleýän brokkoli çorbasy çişme howpuny azaldyp, immuniteti goldaýar. Brokkoli çorbasy erkin radikallara garşy göreşip, öýjükleriň zeperlenmeginiň öňüni almaga ýardam edýär. Öýjük-öýjük kelemjikden taýýarlanan çorba C witamininiň hem çeşmesi bolup, bedeni ýokançlyklardan goraýar.

**Süňk çorbasy.** Howanyň sowuk günleri ýilikli süňkden gaýnadylan çorba içmek bedeni zerur bolan witaminler bilen doldurmaga ýardam edýär. Bellemeklerine görä, süňk çorbasy iň ýokumly we iň peýdaly çorba hasaplanýar. Esasan hem, uzak wagtlap (6-7 sagat) gaýnadylan ýilikli süňk A, B witamininiň, sink, demir, kalsiý, selen ýaly minerallaryň çeşmesi hasaplanýar. Içine burç atylan süňk çorbasy sowuklama we dümew alamatlary bilen göreşmäge ýardam edýär. Mundan başga-da, dem alyş ýollaryny arassalamakda hem süňk çorbasynyň ähmiýeti diýseň uludyr.

# Sowgat bermegiň ähmiýeti

**Baglaryň goýnundaky agaçlar we hoşboý ysly güller bilen owadan görnüşi ýaly, adamlar hem sahylygy we hoşniýetliligi bilen owadan görünýär. Ýakynlaryňa ýa-da kimdir birine sowgat bereniňde hem özüň, hem-de sowgat alan adam begenýär. Uly ýa-da kiçidigine garamazdan, islendik sowgat adamda hoşniýetli duýgulary emele getirýär. Köplenç doglan günlerde we baýramçylyklarda birek-birege sowgat berilýär. Eýsem, sowgat bermegiň ähmiýeti näme?**

**Pikirleri baýlaşdyrýar.** Sowgat bermek döredijiligi, estetiki manyny baýlaşdyrýar we ösdürýär. Ýakynlaryňyza berip biljek sowgatlaryňyzy kagyza ýazyň. Şonda ýakynlaryňyza berip biljek zatlaryňyzyň pikir edişiňizden has köpdügini görersiňiz.

**Begendirýär.** Köpler sowgat alanlarynda begenýärler. Olaryň begenjini görüp, sowgat beren adam hem begenýär we özüni bagtly duýýar. Bu edil zynjyr görnüşinde bolup, durmuşa bolan kanagatlanma duýgusyny döredýär.



**Söýgi döredýär.** Sowgat bermek birek-biregiň arasynda özara söýgini we hormaty döredýär. Esasan hem, sussupes adamlara sowgat berlende, olar özleriniň söýülýändigine we eý görülýändigine düşünýärler.

**Maddy däl.** Sowgat bermek bir zat satyn almak diýmek däl. Köpler satyn alynýan taýýar sowgady ýakynlaryna bermegi halamaýarlar. Şeýle ýagdaýda öýde elde bir zatlar ýasap, süýjülikler bişirip bilersiňiz.

**Döredijiligi ösdürýär.** Sowgat bermek, esasan hem, el zähmeti bilen ýasan zadyňy sowgat bermek döredijilige bolan ukybyňy ösdürýär. Mysal üçin, çagajyga hozuň gabygyna kiçijik kagyz ýelken ýelmenip ýasalan gämini, kagyzdan ýasalan arçany sowgat bermek.

**Paýlaşmagy öwredýär.** Sowgat bermek ýakynlaryň ýa-da kimdir biri bilen begenjiňi we şatlygyňy paýlaşmagy öwredýär.

**Duýgulary beýan edýär.** Sowgat bermek adamyň duýgularyny beýan etmäge ýardam edýär. Sowgat bermek arkaly ýakynlaryň we kimdir biriniň aladasynyň edilýändigini, ýadyňdan çykarmaýandygyňy we hormat-sylagy aňladyp bolýar.

**Estetik duýgyny ösdürýär.** Sowgadyň daşyny owadan örtmek, bezegleri ýelmemek, umuman, sowgat taýýarlaýan wagtyňyz ondan gözellik gözleýärsiňiz. Bu bolsa adamyň estetik duýgusyny ösdürip, gözellikleri saýlap we görüp bilmegi öwredýär.

## ÇAGALAR

**Köp ýurtda dynç alyş maksady bilen itli sankili gezelençler guralýar. Itli sankiler gyşky sportuň bir görnüşi hasaplanýar.**

# Näme üçin Täze ýylda ARÇA BEZELÝÄR?!

**Köp ýurtda dekabr aýynyň gelmegi bilen seýilgählerde, dynç alyş merkezlerinde we köçeleriň ugrunda Täze ýyl arçalary peýda bolýar. Ilkibaşda alma bilen bezelen arçalar soňlugy bilen oýnawaç dükanlarynyň hödürlemesi esasynda ýalpyldawuk şarjagazlar, oýnawaçlar hem-de ýanyp-öçýän çyrajyklar bilen bezelip başlanýar. Eýsem, arça bezemek däbi nireden gözbaş alýar?**



Gadymy döwürlerde adamlar tebigy durmuşda ýaşap, agaçlaryň miwesini iýipdirler, çybyklaryndan çatma, bukalgalar gurupdyrlar, ýyrtyjy jandarlardan goranmak üçin uly agaçlaryň köweginde gizlenipdirler. Umuman, tebigatda adama iň ýakyn zat agaç bolupdyr. Ilkidurmuş adamlary agaçlarda bir güýjüň, gudratyň bardygyna ynanypdyrlar. Ylmyň we medeniýetiň ornaşmagy bilen adamlar tebigy hadysalara has aýdyň göz ýetirip başlapdyrlar. Ýylyň iň uzyn gijesinde gündiziň gijeden üstün çykyp, ýene-de ýaşaýşyň dowam etmegi üçin dileg edipdirler. Bu hadysa 21-nji dekabrda bolup geçip, erteden günler uzalyp başlanypdyr. Olar muňa Gün ýeňiş gazandy diýip düşünipdirler hem-de muny bellemek üçin agaç bezäp, aşagynda her dürli iýmitdir azyk önümlerini goýupdyrlar. Taryhçylar bu ynanjyň ilkibaşda Mesopotamiýada ýüze çykandygyny belleýärler. Assiriýalylar butparazçylyk ynanjyna görä, ýylboýy ýapragyny dökmeýän arça we serwi agaçlaryny hasyllylygyň we bakylygyň nyşany hasaplapdyrlar. Bu agaçlary bezemek bilen öndürijiligiň ýokarlanjakdygyna ynanypdyrlar. Hytaýdyr Müsürde hemişe gök öwüsýän agaçlar diriligiň nyşany hasaplanypdyr. Skandinaw ýurtlary arça bezemek däbini gyş paslynyň gelmeginiň alamaty hem-de guşlar üçin öýjagaz ýasamak diýip düşünýärler. Bezelen agajy tokaýda däl-de, öýüň içinde ýa-da girelgesinde goýmagyň, has köp şowlulyk we bereket getirýändigine ynanypdyrlar.

Taryhdaky iň gadymy Täze ýyl baýramçylygy Wawilonda geçirilipdir. Täze ýyl mart aýynyň ahyryna gabat gelip, öňki ýyllardan galan ösümlikler ýygnalyp, ýere täzeden tohum sepilipdir. Baýramçylyk 11 günläp aýdym-saz we tans dabaralary bilen dowam edipdir. Umuman, Täze ýylda arça bezemek däbi adamlaryň tebigata bolan söýgüsi we baglanyşygy esasynda ýüze çykypdyr.

# Marşmellow – çybyga ildirilen süýjüjik

**Dünýäde her ýyl 80 million tonna töweregi konditer önümleri öndürilýär. Megerem, kemputdyr kökäni halamaýanyňyz ýok bolsa gerek. Süýji önümler, esasan, şekerçiňrikdir kakao agajynyň miwesinden öndürilýär. Süýji iýmitiň ösümlikden alynýandygyna ynanmak kyn. Şeýle-de bolsa, marşmellow hem batgalykda ösýän «althaea officinalis» gülüniň şiresinden alynýar. Multfilmlerde we kinofilmlerde uzyn çöpüň ujuna marmelada meňzeş süýjini ildirip, oda tutup oturan çagalary gören bolsaňyz gerek. Dünýäniň köp ýurdunda çagalyk ýyllarynyň iň gowy süýjüsi hökmünde suratlandyrylýan marşmellow biziň «horaz süýjimiz» ýaly meşhurdyr. Eýsem, çybyga ildirilip iýilýän bu süýji nähili taýýarlanýar?**

«Althaea officinalis» Ýewropanyň we Afrikanyň batgalyklarynda ösýän köpýyllyk ösümlikdir. Bu ösümligiň köki we baldagyndaky şiresi aşpezçilik sungatynda hem-de melhem taýýarlamakda peýdalanylypdyr. Gadymy ýazgylarda bu ösümligiň saglyk üçin peýdalydygy bellenilýär. Taryhyň belli bir döwründe «althaea officinalis» ösümligi iýmit çeşmesi hökmünde hem peýdalanylypdyr. Bu ösümligiň gülünden alnan şire şeker bilen garylanda ýakymly süýjülik – marşmellow emele gelýär. Aşa süýji bolmadyk marşmellow köp ýurtda bal we hoz garylyp taýýarlanylýar. Aziýa we Ýewropa sebitleri marşmellowyň ata Watany hasaplanýar. Bu süýjülik Demirgazyk Amerika Gadymy Müsürden äkidilipdir.

Häzirki wagtka meňzeş marşmellow süýjüligi 1800-nji ýyllaryň ortalarynda Fransiýada oýlanyp tapylýar. Ilkibaşda bu iýmit «althaea officinalis»



ösümliginiň köküniden ýenjilip alnan suwa şeker we ýumurtganyň agyny goşup, köpürjikländen soň, galyplara guýmak arkaly taýýarlanypdyr. Bu görnüşde taýýarlamasy kyn bolandygy sebäpli marşmellowyň täze görnüşi peýda bolýar. Indi bu süýjülige mekgejöwen krahmaly bilen kök şiresinden alnan želatin goşulyp başlanýar. Häzirki wagtda hem marşmellow mekgejöwen krahmaly, şeker we želatin garyndysyndan taýýarlanýar. Bütin dünýäde meşhurlyk gazanan marşmellow önümçiliginde Fransiýa, Angliýa, Demirgazyk Amerika, Täze Zelandiýa we Awstraliýa öňdeligi eýeleýär. Marşmellowy iň köp import edýän ýurt ABŞ hasaplanýar.

**6 tapawudy tapyň!**





**Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!**



**Gyzykly pursat**



# Sanki çekýän itler sowukda üşemeýärmi?

**Adamzat ýaşaýşynda irki döwürlerden bäri itleriň hyzmatyndan peýdalanylyp gelinýär. Itiň käbir görnüşi ýiten zady tapmakda, gorag maksadynda saklanýan bolsa, käbiri ýük daşamakda, halas ediş işlerinde adamlara ýakyndan kömek edýär. Aşa sowuk howaly sebitlerde sanki (sani) çekip barýan itler baradaky multfilmleri ýa-da filmleri gören bolsaňyz gerek. Itli sanki buzuň ýa-da garyň üstünde dolandyryjynyň buýrugy esasynda itleriň tirkegi çekmegi arkaly amala aşyrylýar. Dünýäniň demirgazyk sebitiniň ýaşaýjylary güýz we gyş aýlarynda tirkegli itleri ulanýarlar. Eýsem, itleriň islendik görnüşi sanki çekip bilýärmi, olar sowukda üşemeýärmi?! Geliň, tirkeg çekýän itler baradaky gyzykly maglumatlary öwreneliň!**

Sagatda 32-40 kilometr tizlik bilen sanki çekip bilýän bu itleriň dykyz we galyň sütügi olary sowukdan goraýar. Itiň ähli görnüşi sowuga çydamly däl. Tirkeg çekýän itler ýörite saýlanyp alynýar we demirgazykda idedilýär. Haski, malamut, grenland iti we inuit ýaly tohum itler sowuk howada ýaşaýarlar. Maglumatlara görä, tirkeg çekýän tohum itler müňlerçe ýyl ozal demirgazykly ýerli ýaşaýjylar tarapyndan seçilip alnypdyr.

**Sowuga çydamly sanki çekýän itiň görnüşleri**

Demirgazyk sebitlerde iň köp idedilýän it Alýaska haskisidir. Itiň bu tohumyny Alýaskanyň ýerli ýaşaýjylary bolan inuitler öwrenişdiripdirler. Agramy 18-34 kilograma ýetýän itiň bu görnüşi dykyz hem-de ýumşak sütügi bilen tapawutlanýar. Alýaskanyň ýaşaýjylary tarapyndan seçilip alnan itiň ýene bir tohumy Alýaska malamuty hasaplanýar. Agramy 36-55 kilogram töweregi bolýan malamut ýük çekijiligi bilen tapawutlanýar. Galyň sütükli, berdaşly aýaklary bolan bu it gözleg-barlag işlerinde peýdalanylýar.

Sowuk ýurtlaryň biri bolan Kanadada hem itiň inuit (eskimo) tohumy ösdürilip ýetişdirilýär. Göwresi kiçiräk, ýük çekmäge çydamly bu it hojalyk hyzmatlarynda peýdalanylýar. Agramy 30-40 kilograma ýetýän inuit iti awçylykda hem ulanylýar.





Sowuk howa çydamly itiň ýene bir görnüşi Nýu-Hempşirde (ABŞ) ösdürilip ýetişdirilen, seýrek duş gelýän çinuk itidir. Altynsow sütükli, çeýe hem ýadawsyz hereketli bu it tirkeg çekmekde, ýük daşamakda we gorag hyzmatlarynda peýdalanylýar.

Sowuga çydamly tirkege goşulýan itiň ýene bir görnüşi grenland itidir. Bu itler Grenlandiýada ulag serişdesiniň hyzmatyny ýerine ýetirýärler. Şeýle hem awçylykda giňden peýdalanylýar.

Dünýäniň iň sowuk künjekleriniň biri bolan Sibiriň ýaşaýjylary hem malamuta meňzeş Sibir haskisini seçip alypdyrlar. Agramy 18-27 kilogram töweregi bolan Sibir haskisi daşyndan göräýmäge möjege çalym edýär. Sibirliler tarapyndan ösdürilip ýetişdirilen demirgazyk itiniň ýene bir görnüşi akja sütükli samoýed itidir. Ýük çekmäge ukyply bu itler hojalyk hyzmatlary bilen bir hatarda awçylykda hem peýdalanylýar.

# 82-nji «Altyn globus» baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi

Kino sungatynyň abraýly sylaglaryndan hasaplanýan «Altyn globus» baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi. Oskaryň buşlukçysy hasaplanýan «Altyn globus» baýraklary «Hollywood»-daky daşary ýurtly žurnalistler bileleşiginiň guramaçylygynda gowşurylýar. 82-nji «Altyn globus» baýraklarynda «Emiliýa Peres» filmi 10 ugurdan dalaşgär görkezildi. «Netflix»-iň önümi bolan bu filmden soň «A24» studiýasynyň «Brutalist» filmi 7, şeýle-de «Konklaw» kinosy-da 6 ugurdan dalaşgärlige hödürlendi.




Iň gowy drama filmi baýragyna «Brutalist», «Bütinleý näbelli», «Konklaw», «Dýuna: ikinji bölüm», «Nikelli oglanlar», «5-nji sentýabr», iň gowy komediýa ýa-da mýuzikal filmi baýragyna-da «Anora», «Bäsdeşler», «Emiliýa Peres», «Hakyky jepa», «Substansiýa», «Hyrsyz: Günbataryň jadygöýi hakynda erteki» filmleri dalaşgär görkezildi.

Seriallaryň arasynda-da «Aýy» atly ekran eseri 5 dalaşgärlik gazandy. «Ganhorlar bir binada» atly komediýa serialy-da 4 ugurdan dalaşgärlige hödürlendi.

82-nji «Altyn globus» baýraklarynyň ýeňijileri geljek ýylyň 5-nji ýanwarynda geçiriljek dabarada belli bolar.

**82-nji «Altyn globus» baýraklarynyň käbir ugurlary boýunça dalaşgärleri:**

**Iň gowy drama filmi:** «Brutalist» (The Brutalist), «Bütinleý näbelli» (A Complete Unknown), «Konklaw» (Conclave), «Dýuna: ikinji bölüm» (Dune: Part Two), «Nikelli oglanlar» (Nickel Boys), «5-nji sentýabr» (September 5)

**Iň gowy komediýa ýa-da mýuzikal film:** «Anora» (Anora), «Bäsdeşler» (Challengers), «Emiliýa Peres» (Emilia Perez), «Hakyky jepa» (A Real Pain), «Substansiýa» (The Substance), «Hyrsyz: Günbataryň jadygöýi hakynda erteki» (Wicked)

**Iň gowy aktýor (drama):** Adrian Broudi – «Brutalist», Timoti Şalame – «Bütinleý näbelli», Daniel Kreýg – «Kuir» (Queer), Kolman Domingo – «Sing-Sing» (Sing Sing), Raýf Faýns – «Konklaw», Sebastian Stan – «Şägirt» (The Apprentice)

**Iň gowy aktrisa (drama):** Pamela Anderson – «Soňky Şougöl» (The Last Showgirl), Anjelina Joli – «Mariýa» (Maria), Nikol Kidman – «Gögele» (Babygirl), Tilda Swinton – «Goňşy otag» (La habitacion de al lado), Fernanda Torres – «Men henizem bu ýerde» (Ainda Estou Aqui), Keýt Winslet – «Li» (Lee)

**Iň gowy aktýor (komediýa ýa-da mýuzikal):** Jessi Aýzenberg – «Hakyky jepa», Hýu Grant – «Ýeretik» (Heretic), Gabriel LaBelle – «Şenbe günündäki şou» (Saturday Night), Sebastian Stan – «Üýtgeşik adam» (A Different Man), Jessi Plemons – «Ýagşylygyň görnüşleri» (Kind of Kindness), Glenn Powell – «Hitmen» (Hit Man)

**Iň gowy aktrisa (komediýa ýa-da mýuzikal):** Emi Adams – «Gijeki it» (Nightbitch), Sintia Eriwo – «Hyrsyz: Günbataryň jadygöýi hakynda erteki», Karla Sofiýa Gaskon – «Emiliýa Peres», Maýki Medison – «Anora», Demi Mur – «Substansiýa», Zendeýa – «Bäsdeşler»

**Iň gowy režissýor:** Žak Odiar – «Emiliýa Peres», Şon Beýker – «Anora», Edward Berger – «Konklaw», Breýdi Korbet – «Brutalist», Korali Farža – «Substansiýa», Paýal Kapadia – «Biz ähli zady ýagtylyk hökmünde göz öňüne getirýäris» (All We Imagine as Light)

**Ikinji plandaky iň gowy aktýor:** Ýura Borisow – «Anora», Kiran Kalkin – «Hakyky jepa», Edward Norton – «Bütinleý näbelli», Gaý Pirs – «Brutalist», Jeremi Strong – «Şägirt», Denzel Waşington – «Gladiator 2» (Gladiator II)

**Ikinji plandaky iň gowy aktrisa:** Selena Gomes – «Emiliýa Peres», Ariana Grande –«Hyrsyz: Günbataryň jadygöýi hakynda erteki», Felisiti Jons – «Brutalist», Margaret Kualli – «Substansiýa», Izabella Rossellini – «Konklaw», Zou Saldaňýa – «Emiliýa Peres»

**Iňlis dilinde bolmadyk iň gowy film:** «Biz ähli zady ýagtylyk hökmünde göz öňüne getirýäris» – Hindistan, «Emiliýa Peres» – Fransiýa, «Iňňeli gyz» (Pigen med nalen) – Daniýa, «Men henizem bu ýerde» – Braziliýa, «Mukaddes injir agajynyň tohumy» (Dane-ye anjir-e ma'abed) – Germaniýa, «Wermilio» (Vermiglio) – Italiýa

**Iň gowy animasiýa:** «Akym» (Straume), «Garjaşyk 2»(Inside Out 2), «Ulitkanyň ýatlamalary» (Memoir of a Snail), «Moana 2» (Moana 2), «Wollas we Gromit: iň ýabany ketek» (Wallace & Gromit: Vengeance Most Fowl), «Ýabany robot» (The Wild Robot)

**Iň gowy drama serialy:** «Şagalyň güni» (The Day of the Jackal), «Diplomat zenan» (The Diplomat), «Jenap we Hanym Smit» (Mr. & Mrs. Smith), «Sýogun» (Shogun), «Ýuwaş atlar» (Slow Horses), «Kalmar oýny» (Squid Game)

**Iň gowy komediýa ýa-da mýuzikal serialy:** «Abbot başlangyç mekdebi» (Abbot Elementary), «Aýy» (The Bear), «Jentlmenler» (The Gentlemen), «Hilegärler» (Hacks), «Hiç kim muny islänok» (Nobody Wants This), «Ganhorlar bir binada» (Only Murders in the Building)

**Iň gowy çäkli serial ýa-da telefilm:** «Sugun çagasy» (Baby Reindeer), «Ähli gabat gelmeler tötänlik däl» (Disclaimer), «Monstr» (Monster), «Pingwin» (The Penguin), «Ripli» (Ripley), «Hakyky detektiw» (True Detective)

# Ýewropada ýylyň filmi saýlandy



Ýewropa kino akademiýasynyň baýraklary bolan Ýewropa film baýraklarynyň bu ýylky ýeňijileri mälim edildi. 37-nji Ýewropa film baýraklarynda iň gowy film diýlip, fransiýaly režissýor Žak Odiaryň «Emiliýa Peres» atly kinosy saýlandy. Bu ekran eseri Pedro Almodowaryň, Mohammad Rasulofyň, Korali Faržanyň hem-de Maura Delperonyň soňky surata düşüren kinolaryny yzda galdyrdy. Filmi surata düşüren Žak Odiar iň gowy režissýor, iň gowy ssenariçi baýraklaryna-da laýyk görüldi. Filmde surata düşen artistlerden Karla Sofiýa Gaskon iň gowy aktrisa diýlip saýlandy. Şweýsariýanyň Lýusern şäherinde geçirilen dabarada filmi kebşirlän Žuliett Welfling iň gowy montaž baýragy bilen sylaglandy.

Iň gowy aktýor baýragyna-da «Süleýmanyň hekaýasy» (L'Histoire de Souleymane) filminde baş keşbi janlandyran Abu Sangar mynasyp boldy. «Başga ýer ýok» atly (No Other Land) ekran eseri iň gowy dokumental film diýlip saýlandy. Latwiýaly Gints Zilbalodisiň surata düşüren «Akym» (Straume) atly multfilmi iň gowy animasiýa diýlip ykrar edildi.

Dabaranyň dowamynda germaniýaly meşhur režissýor Wim Wenders, italiýaly aktrisa Izabella Rossellini hem-de makedoniýaly aktrisa Labina Mitewska hormat nyşanlary bilen sylaglandy.

# Täze film



**Ady:** «Mufasa: Şa ýolbars» (Mufasa: The Lion King); **Režissýory:** Berri Jenkins; **Keşplerde (ses berenler):** Aaron Pier, Kelwin Harrison Junior, Set Rojen, Billi Aýhner, Tiffani Bun, Donald Glower, Mads Mikkelsen, Tandiw Nýuton, Lenni Jeýms, Anika Noni Rouz, Blu Aýwi Karter, Beýons Nowles-Karter; **Ssenariçi:** Jeff Netenson; **Prodýuseri:** Adel Romanski, Mark Çerýak; **Kompozitory:** Deýw Metsjer; **Öndüriji:** «Walt Disney Pictures»; **Paýlaýjy:** «Walt Disney Studios Motion Pictures»; **Dowamlylygy:** 118 minut; **Görnüşi:** epiki başdan geçirme, mýuzikal, uruşly; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 200 million $

● «Disney» studiýasynyň önümi bolan bu animasiýa gatyşykly film «Mufasa: Şa ýolbars» (Mufasa: The Lion King) diýlip atlandyrylýar. Studiýanyň ozalky animasiýalaryny janly filme öwürýän taslamalarynyň çäginde ekranlaşdyrylan bu filme «Aýyň ýagtysy» (Moonlight) kinosy bilen adygan Berri Jenkins režissýorlyk etdi. Ssenarisi Jeff Netenson tarapyndan ýazylan ekran eserindäki gahrymanlara Aaron Pier, Kelwin Harrison Junior, Set Rojen, Billi Aýhner, Tiffani Bun, Donald Glower, Mads Mikkelsen, meşhur aýdymçy Beýons Nowles we gyzy Blu Aýwi dagy ses bermäge gatnaşdylar. 200 million dollar çykdajy edilen filmde Mufasanyň şa bolmagy we bu ugurda geljekki Skar, ýagny Taka bilen aldym-berdimli göreşmegi barada söhbet açylýar. Filmiň prokatlardan 1 milliard dollar töweregi kassa ýygymyny toplamagyna garaşylýar.






**52-nji SKANWORD**

**Läle GELDIÝEWA,**
*Ahal welaýatynyň Sarahs etrabyndaky 9-njy çagalar bagynyň usulyýetçisi.*



**64-nji KROSSWORD**

● **DIKLIGINE:** **1.** Oý, pikir. **2.** Himiki element. **3.** Inkär etmek. **4.** Düwme, sadap. **5.** Zehin, aň. **6.** Gyz ady. **7.** ...-tupan. **9.** Mineral daş. **10.** Mähriban, mähirli. **12.** Çäre, alaç. **13.** Çyn däl, galp. **14.** Ýolagçy gatnadýan köp orunly ulag. **16.** Daşy syrçaly ýa-da syrçasyz ullakan küýze. **17.** Ýagty, şöhle. **20.** Saz çalmak sungaty bilen meşgul bolýan adam. **22.** Ýurdumyzda konditer önümlerini öndürýän kompaniýa. **23.** Orta Aziýada bir döwlet. **26.** Himiki birleşme. **27.** Deňiz jandary. **28.** Okara. **30.** Basylmak, ýeňilmek. **32.** Ýylanyň bir görnüşi. **33.** Zaýa, isrip. **38.** Organizmleriň gurluşyny öwrenýän ylym. **39.** Içi ýüplük pelteli ýyşyk beriji enjam. **41.** ...-hesip, hasaplaşyk. **42.** Urp-... **43.** Bada-... **44.** «Arkalaşan ... gaýtar» (nakyl). **46.** Ýurdumyzda gadymy şäher. **48.** Saçy bolmadyk. **49.** Geýim-gejim salynýan agzy gapakly dörtburç gap. **51.** Eýranda gadymy şäher. **52.** Keýpi kök, şadyýan. **55.** Hakykat, anyk. **56.** Dyngy belgi. **58.** Marokkonyň paýtagty. **59.** Mal bakýan adam. **61.** Örän, juda, aýratyn ýaly many aňladýan söz. **63.** Irland milli tansy. **64.** Käbir jandarlaryň kelle süňki bilen utgaşyp çykýan uzyn, ujy ýiti süňk. **66.** Iň uzyn derýa. **72.** Pagtadan egrilen, ýüplükden dokalan mata. **74.** Naryň bir görnüşi. **76.** Atmosfera basyşynyň birligi. **78.** Türkmen sährasy. **80.** Aýlaryň biri. **81.** «Ýoda ýzlasaň, ýola barar, ýoly yzlasaň – ...» (nakyl). **82.** Ownuk bolmadyk. **84.** Suw guşy. **85.** Kepderiden tokgarak, çalymtykdan owadan reňkli guş. **87.** Kenar, gyra. **89.** But ýa-da gol süňküniň bir bölegi. **90.** Gawaidäki iň beýik şarlawuk. **92.** Italiýanyň lukmançylyk we kosmetologiýa lazerlerini öndürýän kompaniýa. **94.** Aý (köne söz). **95.** Tropik miwe. **96.** Jaňlaşylanda birinji diýilýän söz. **97.** Jübüt bolmadyk. **99.** Oglan ady. **102.** Pul birligi. **104.** Italiýanyň futbol topary. **106.** Oglan ady. **107.** Edep-ekram. **108.** Ýalňyz. **110.** Isrip bolan, yrýa. **112.** Gün ulgamynda ýedinji planeta. **113.** Pygamberleriň biri. **115.** Gawun önümi. **117.** Ýylan (köne söz). **119.** Bir zadyň gapdal tarapy. **120.** Mähriban ynsan.

● **KESELIGINE:** **2.** Günorta Amerikada bir döwlet. **8.** Kowum-garyndaş. **11.** Owadan, gelşikli. **14.** Amerikan Samoanyň domen birligi. **15.** Himiki element. **16.** Mör-möjekleriň, süýrenijileriň ýatýan, ýaşaýan deşigi, öýi. **18.** Bir zadyň amala aşmagyna bolan umyt. **19.** ...-kok. **21.** Ýewropanyň gadymy şäherleriniň biri. **22.** Bir zada bolan hak, ygtyýar. **24.** «Gurrandazlar gurra saldy, müneçjimler kitap açdy, palmanlar ... garady» («Görogly» eposyndan). **25.** Endigan, ýylmanak. **28.** «Mürepbe» sözüniň iňlisçesi. **29.** Operatiw ýat. **31.** Ýakymly äheň bilen çykýan ses ýa-da owaz. **34.** Gulak keseli. **35.** Basyk ýogyn sesli saz guraly. **36.** Baýtalyň ýaşajyk gunany. **37.** Fransuz taryhçysy Pier ... **38.** «Ilim abat – özüm ...» (nakyl). **40.** Reklama. **45.** Ak, ýalpyldawuk çägäni eretmek we himiki taýdan işlemek ýoly bilen alynýan dury jisim. **47.** Arap elipbiýinde bir harp. **48.** Öz diýenini edýän, kesir keçjal. **50.** Tizlik ölçeýji enjam. **51.** «Bolýar, ýagşy» diýen many aňladýan jogap sözi. **53.** Tehniki görkeziji. **54.** Hažžyga meňzeş kiçijik alaja süýreniji. **55.** Uly gözli ýogyn iňňe. **57.** Boý, syrat, kamat. **58.** Şowly, oňuna. **60.** «Kim? näme? nire?» diýen soraglara jogap bolýan söz topary. **61.** ...-ahwal. **62.** Gyzgylt-goňur reňk. **64.** Geometrik şekil. **65.** Gepleşik aýratynlygy, äheň. **67.** Oba hojalyk guraly. **68.** «... ekseň bugdaý ek, mal baksaň goýun bak» (nakyl). **69.** Garyndaşlygy aňladýan söz. **70.** Bägüle meňzeş gül. **71.** «Adamzady tanap bolmaz ... bilen» (Magtymguly Pyragy). **73.** Gerden, egin. **75.** Sözlemde atlaryň biri. **76.** «... tutan barmagyny ýalar» (nakyl). **77.** Tireleriň biri. **79.** Boý, syrat. **81.** Özüňden kiçi erkek dogan. **83.** «... aýagy üç bolar, biri-birine güýç bolar» (nakyl). **85.** Keniýanyň domen belgisi. **86.** Ok-... **88.** Soltan, şa. **89.** «Şagallaryň gykuwlary, ... bakan uzyn-uzyn üýrýän itleriň sesleri eşidildi» (B. Kerbabaýew). **91.** Miwe. **92.** ...-dessur. **93.** Aralyk, ne güýçli, ne pes. **95.** Materik. **97.** Geçiniň, keýigiň erkegi. **98.** Ýap, akaba. **100.** «Çopan adam çoka bolmaz, ala garga ... gelmez» (nakyl). **101.** Oglan ady. **102.** Tikin maşynlarynda aşaky sapagyň ýerleşýän ýeri. **103.** ...-gazap. **105.** Bir zadyň arasy, ortasy. **107.** Awstraliýada bir köl. **108.** Menek, tegmil. **109.** Gury iýmiş. **111.** Parahat, rahat. **113.** Ýöňkemäniň birlik sanyndaky at çalyşma. **114.** «Michael Kors» amerikan eşik brendiniň gysga aňlatmasy. **116.** Oglan ady. **118.** Ortalyk. **119.** Galyň bolmadyk. **120.** «Spotify» ses akym hyzmatyny esaslandyryjy ... Daniel. **121.** «... aldyrsa elden köşegin,/ Bagryn bozup bozlamaýyn bolarmy?» (Magtymguly Pyragy). **122.** Organik birleşme. **123.** Günorta Amerikada bir döwlet.

**51-nji skanwordyň jogaby:**

| | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | P | | L | | A | | | I | | I | | N | | |
| D | E | K | A | B | R | | E | D | E | L | W | E | Ý | S |
| | N | | W | | Ç | I | L | E | | A | | S | | E |
| B | A | Ý | R | A | M | | B | A | G | T | Y | Ý | A | R |
| | | O | | | A | K | U | L | A | | R | E | L | E |
| W | A | K | A | | N | | R | | Z | E | Ý | | G | |
| | W | A | D | A | | E | S | E | N | T | A | N | Y | Ş |
| | A | R | A | H | I | S | | K | A | E | | A | D | A |
| Y | Z | Y | N | A | | S | T | I | L | | K | R | A | N |
| | A | | A | L | O | E | | Z | Y | N | J | Y | R | A |

**63-nji krosswordyň jogaby:**

| | | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| G | A | R | P | A | M | Y | K | | S | K | R | I | P | K | A | |
| A | | O | | | A | Z | I | Ý | A | | E | G | E | R | | S |
| Ý | E | L | I | M | | A | L | A | D | A | | E | N | E | K | E |
| Y | | I | L | I | K | | A | K | A | B | A | | T | M | I | N |
| N | | K | A | L | I | Ý | | A | K | A | R | | | L | Ý | A |
| A | B | | T | A | L | A | K | | A | K | A | S | I | | A | G |
| T | Ü | M | | N | I | K | E | L | | | D | A | R | Y | | A |
| A | D | A | K | | M | U | K | A | M | | A | R | A | R | A | T |
| | Ü | T | Ü | K | | P | E | | E | T | | A | D | A | M | |
| A | R | A | M | A | K | | Ç | O | L | U | K | | A | D | A | M |
| Ş | | L | Ü | L | E | | | K | E | R | I | M | | A | D | A |
| G | O | | Ş | A | Ş | K | A | | K | A | T | A | R | | U | R |
| A | R | O | | | D | A | D | Y | | Ç | A | N | A | K | | G |
| B | A | K | U | | E | M | I | N | E | | P | A | R | A | | A |
| A | K | A | K | A | | A | D | A | N | A | | T | A | P | I | R |
| T | | R | Y | K | A | | A | M | A | L | Y | | | ▯ | | I |
| | P | A | P | I | R | U | S | | R | O | Z | M | A | R | I | N |

**Ogulnyýaz GULOWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

# «Real Madrid» — FIFA Interkontinental Kubogynyň eýesi

Kataryň Lusail şäherindäki «Lusail» stadionynda FIFA Interkontinental Kubogynyň finalynda Ispaniýanyň «Real Madrid» topary bilen Meksikanyň «Paçuka» topary duşuşdy. 67 müň 249 janköýeriň tomaşa eden oýnunda wenesuelaly emin Hesus Walenzuela jürlewük çaldy. UEFA-nyň wekiliniň doly artykmaçlygynda geçen oýunda «Real» 3–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Oýnuň 37-nji minutynda Winisius Junioryň pasyndan soň Kilian Mbappe hasaby açdy. Duşuşygyň 53-nji minutynda Mbappeniň asist etmeginde Rodrigo owadan gol geçirip, hasaby 2-ä çykardy. Oýnuň 84-nji minutynda eminiň penaltisini dürs uran Winisius Junior duşuşyga soňky nokady goýdy. Şunlukda, «Real Madrid» bu kubogyny 1960-njy, 1998-nji hem-de 2002-nji ýyllardan soň 4-nji gezek almagy başardy. «Real» bu ugurda «Milandyr» «Boko Huniors» hem-de «Peňýarol» toparlaryndan öňe saýlanyp, 1-nji orna geçdi.







Duşuşykdan soň Winisius ýaryşyň «Altyn top», Federiko Walwerde «Kümüş top» hem-de «Paçuka» toparynyň oýunçysy Elias Montiel «Bürünç top» baýragyna laýyk görüldi.

Şol bir wagtyň özünde bu kubok «Realyň» 2024-nji ýyldaky 5-nji kubogy hökmünde hasaba alyndy. Toparyň tälimçisi Karlo Ançelotti «Realdaky» 15-nji kubogyny gazanmak bilen klubuň rekordynyň täze eýesi boldy. Ol 14 kubokly Migel Munýosy yzda galdyrdy. Bu Ançelottiniň tälimçilik karýerasyndaky 31-nji kubogydyr.

Şeýle-de, «Realyň» horwatiýaly ýyldyzy Luka Modriç klubdaky 28-nji kubogyny asmana göterip, bu ugurda toparyň rekordyny täzeledi.

Mundan 2 ýyl ozal 18-nji dekabrda, şu stadionda Dünýä Kubogynyň finalynda kubogy argentinlere aldyran Kilian Mbappe bu gezek 2 ýyldan soň şol bir günde FIFA-nyň başga bir ýaryşynda çempion bolmagy başardy. Bu onuň «Realdaky» 2-nji, karýerasyndaky 20-nji kubogydyr.

Ýaryşa 6 yklymyň çempiony gatnaşyp, ozalky formatdan üýtgeşiklikde, klublar duşuşyklaryny dürli wagtlarda, dürli ýerlerde geçirdiler. 1-nji tapgyrda sentýabrda BAE-niň wekili, AFK-nyň çempiony «Al Ain» Täze Zelandiýanyň «Oklend Siti» toparyny 6–2 hasabynda ýeňdi. Oktýabr aýynda oýnalan duşuşykda, 2-nji tapgyryň çäginde «Al Ain» Müsüriň «Al Ahli» toparyndan 3–0 hasabynda asgyn geldi. Dekabr aýynda bolsa «Paçuka» Libertadores Kubogynyň çempiony «Botafogany» 3–0 hasabynda ýeňdi. Dekabr aýynda geçirilen 3-nji tapgyryň duşuşygynda bolsa «Paçuka» «Al Ahlini» ýaryşdan çykaryp (0–0, 6–5 p), finala adyny ýazdyrdy. Ýaryşda UEFA-nyň wekili gönümel finala çykýar.

Interkontinental Kubogy ýaryşy 1960-njy ýyldan bäri Çempionlar Ligasynyň (ozalky Ýewropa Çempion Klublaryň Kubogy) ýeňijisi bilen Libertadores Kubogynyň çempionynyň arasynda 2 oýun esasynda geçirilýärdi. Ýaryş 2004-nji ýyla çenli dowam etdi. Şondan soň formatyny üýtgeden ýaryş 2000-2023-nji ýyllar aralygynda FIFA Klublar Dünýä Kubogy ýaryşy ady bilen geçirildi. Oňa 6 yklymyň çempionlary bilen ýer eýesi topar gatnaşýardy we bir ýurtda guralýardy. FIFA Klublar Dünýä Kubogyny täzeçe görnüşde 4 ýyldan 1 gezek guramak barada netijä geleninden soň FIFA Interkontinental Kubogy ýaryşy hem täze görnüşe eýe boldy. FIFA Klublar Dünýä Kubogy geljek ýylyň tomsunda ABŞ-da geçiriler.

# FIFA ýylyň iň gowularyny saýlady





Halkara futbol federasiýalar assosiasiýasynyň «FIFA The Best» baýraklarynyň bu ýylky ýeňijileri belli boldy. Kataryň Lusail şäherinde geçirilen dabarada ýylyň iň ökde oýunçysy diýlip, «Real Madridiň» braziliýaly ýyldyzy Winisius Junior saýlandy. «Altyn topy» ispaniýaly Rodrä aldyran Winisius Junior bu gezek münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy. Ol 48 utuk alyp, ispaniýaly Rodriden (47 utuk) hem-de topardaşy Jud Bellingamdan (37 utuk) köp ses almagy başardy. Winisius FIFA tarapyndan ýylyň oýunçysy saýlanan 6-njy braziliýaly futbolçy bolup, ondan öň Luis Ronaldo (3), Ronaldinio (2), Romario, Riwaldo hem-de Kaka 2009-njy ýyldan ozal FIFA Dünýäde ýylyň futbolçysy baýragyny gazanypdylar.

Argentinaly Emiliano Martines ýylyň derwezeçisi, italiýaly Karlo Ançelotti ýylyň tälimçisi diýlip saýlandy.

Zenanlaryň arasynda ýylyň futbolçysy baýragynyň eýesi üýtgemedi. «Barselonanyň» ispaniýaly ýyldyzy Aitana Bonmati bassyr 2-nji gezek bu hormata laýyk görüldi. Zenanlaryň arasynda ýylyň derwezeçisi baýragyna-da amerikaly Alissa Nair mynasyp boldy. Zenan futbolynda ýylyň tälimçisi baýragy geçen möwsümde «Çelsi» klubuny, maý aýyndan bäri bolsa ABŞ-nyň milli ýygyndysyny türgenleşdirýän angliýaly Emma Haýza berildi.

Ýylyň iň owadan goluna berilýän Puşkaş baýragyna «Mançester Ýunaýtediň» argentinaly ýyldyzy Alehandro Garnaço laýyk görlüp, ol «Ewerton» toparynyň derwezesinden üstaşyr urgy bilen gol geçiripdi.

Erkekleriň arasynda ýylyň simwolik ýygyndysyna Martines – Karwahal, Rüdiger, Diaş, Saliba – Bellingam, Kroos, Rodri – Ýamal, Holann hem-de Winisius Jr saýlandy.

# Afrikada ýylyň futbolçysy baýragynyň ýeňijisi belli boldy

Afrika futbol konfederasiýasy Marokkonyň Marrakeş şäherinde geçirilen dabarada ýylyň iň ökdelerini mälim etdi. Italiýanyň «Atalanta» toparynda çykyş edýän nigeriýaly hüjümçi Ademola Lukman ýylyň iň gowy afrikaly futbolçysy diýlip saýlandy. 27 ýaşyndaky ýyldyz oýunçy bu ugurda marokkoly Aşraf Hakimi, Günorta afrikaly Ronwen Williams, kot-d'iwuarly Simon Adingra hem-de gwineýaly Serhu Girassi dagydan köp ses almagy başardy. Baýragy geçen ýyl başga bir nigeriýaly hüjümçi Wiktor Osimhen alypdy.

Afrikada ýylyň zenan futbolçysy baýragyna ABŞ-nyň «Orlando Praýd» klubunda oýnaýan zambiýaly Barbra Banda mynasyp boldy. Ol bu baýragy gazanan ilkinji zambiýaly zenan futbolçy diýlip bellige alyndy.

Ýylyň ýaş futbolçysy diýlip bu ýylam «Monakoda» çykyş edýän senegally Lamin Kamara saýlandy. Kot-d'Iwuaryň milli ýygyndysynyň tälimçisi Emerse Fae ýylyň tälimçisi baýragy bilen sylaglandy.





## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*20-nji dekabr (anna)*

**Bawariýa – Leipsig (00:30)**
Werona – Milan (00:45)
Žirona – Walýadolid (01:00)

*21-nji dekabr (şenbe)*

**Aston Willa – Man. Siti (17:30)**
Aýntraht – Maýns (19:30)
Brentford – N. Forest (20:00)
Jenoa – Napoli (22:00)
K. Palas – Arsenal (22:30)
Baýer – Fraýburg (22:30)
Leçe – Lasio (00:45)
**Barselona – Atletiko (01:00)**

*22-nji dekabr (ýekşenbe)*

Ewerton – Çelsi (19:00)
M. Ýunaýted – Bornmut (19:00)
**Real Madrid – Sewilýa (20:15)**
**Tottenham – Liwerpul (21:30)**
Wolfsburg – Borussiýa D (21:30)
Atalanta – Empoli (22:00)
Monza – Ýuwentus (00:45)

*23-nji dekabr (duşenbe)*

Inter – Komo (00:45)

*26-njy dekabr (penşenbe)*

Man. Siti – Ewerton (17:30)
Çelsi – Fulham (20:00)
**N. Forest – Tottenham (20:00)**
W.Hempton – M. Ýunaýted (22:30)
Liwerpul – Lester (01:00)

# Fergusondan soň Amorim



Angliýanyň çempionatynda tapgyryň iň esasy duşuşygynda – Mançester derbisinde «Ýunaýted» myhmançylykda «Sitini» oýnuň tamamlanmagyna 2 minut galanda, geçiren gollary esasynda 2-1 hasabynda ýeňdi. 36-njy minutda Gwardiolyň goly bilen öňe geçen «Siti» 88-nji minutda Bruno Fernandeşiň penaltisini hem-de 90-njy minutda Amad Diallonyň goluny saklap bilmedi. Şunlukda, Amorim Fergusondan soň Mançester derbisinde ýeňiş gazanan ilkinji «ýunaýtedli» tälimçi boldy. Sanawyň lideri «Liwerpul» öz meýdançasynda «Fulham» bilen 2-2 hasabynda deňme-deň oýnady. 17-nji minutda 1 oýunçy kem galan «Liwerpul» 2 gezek hasaby deňläp, ýeňlişden halas boldy (Gakpo 47, Žota 85 – Pereýra 11, Muniz 76). «Arsenalyň» «Ewerton» bilen golsuz deňme-deň oýnan tapgyrynda «Çelsi» öz meýdançasynda «Brentfordy» 2-1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Çelsi» bassyr 5-nji ýeňşini gazanyp, olar çempionatda 8 oýundan bäri utulanok. «Nottingam Forest» bilen «Aston Willanyň» arasyndaky oýunda myhmanlar Duranyň 63-nji minutdaky goly bilen öňe geçse-de, oýnuň soňky minutlarynda 2 gol salan «Nottingam Forest» 2-1 hasabynda ýeňşini baýram etdi. 4 oýundan soň ýeňiş gazanan «Tottenham» myhmançylykda «Southemptonyň» derwezesinden jogapsyz 5 gol geçirdi. Gollaryň 2-sini Meddison öz adyna ýazdyrdy. «Kristal Palasdan» 3-1 hasabynda asgyn gelen «Braýton» öz meýdançasynda ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy. Olar «Premier Ligada» şu wagta çenli 180 duşuşyk geçirip, şolarda 60 gezek ýeňiş gazandy, 60 saparam utuldy. Olaryň 60 oýny-da deňlikde gutardy.

# «Bawariýanyň» möwsümdäki ilkinji ýeňlişi





**Germaniýanyň çempionatynda «Bawariýanyň» ýeňlişsiz ýörişi Maýnsda tamamlandy. Myhmançylykda «Maýns» bilen duşuşan münhenliler 2-1 hasabynda asgyn geldi. Ýer eýeleriniň 2 goluny-da 41-nji we 60-njy minutlarda koreýaly Li Že Son derweзä girizdi. «Bawariýanyň» ýeke-täk goluny bolsa 87-nji minutda Leroý Sane geçirdi. Soňky çempion «Baýer» myhmançylykda «Augsburgy» Terrie hem-de Wirtsiň gollary bilen 2–0 hasabynda utdy. Öňdäki orunlar ugrunda göreşýän «Leipsig» bilen «Aýntrahtyň» arasyndaky oýunda ýer eýeleri Şeşko hem-de Opendanyň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Öz meýdançasynda «Hoffenhaým» bilen duşuşan «Borussiýa Dortmund» Reýnanyň goly bilen öňe geçse-de, 90-njy minutdan soň ýeňşi elden giderdi.**

# «Milwaki Baks» topary NBA Kubogyny gazandy



ABŞ-nyň Milli basketbol ligasy NBA-da täze döredilen NBA Kubogyna «Milwaki Baks» topary mynasyp boldy. Finalda «Oklahoma Siti Tander» toparyndan 97:81 hasabynda üstün çykan «Milwaki Baks» topary 2-nji gezek guralýan bu kubogy «Los Anlejes Leýkersden» soň gazanan 2-nji topar hökmünde bellige alyndy. Duşuşykda «Milwaki Baks» toparynyň super ýyldyzy Ýannis Antetokunmpo 26 utuk, 19 ribaund hem-de 10 asist görkezijiler bilen «triple-double» edip, toparynyň ýeňiş gazanmagynda uly rol oýnady. Ol ýaryşyň iň ökde oýunçysy diýlip saýlandy.

## PREMIER LEAGUE (16) — 31 gol

**Arsenal—Ewerton: 0–0, Liwerpul—Fulham: 2–2** (Gakpo 47, Žota 85 — Pereýra 11, Muniz 76), **Nýukasl—Lester: 4–0** (Mörfi 30, 60, Gimaraýns 47, Isak 50), **Wulwerhempton—Ipswiç: 1–2** (Mateus Kunýa 72 — Dogerti 15 ö.d., Teýlor 90+4), **N. Forest—A. Willa: 2–1** (Milenkowiç 87, Elanga 90+3 — Duran 63), **Braýton—K. Palas: 1–3** (Gehi 87 ö.d. — Çaloba 27, Sarr 33, 82), **Man. Siti—Man. Ýunaýted: 1–2** (Gwardiol 36 — Bruno Fernandeş 88 p, Diallo 90), **Çelsi—Brentford: 2–1** (Kukurelýa 43, Jekson 80 — Mbemo 90), **Southempton—Tottenham: 0–5** (Meddison 1, 45+4, Son 12, Kulusewski 14, Sarr 25), **Bornmut—West Ham: 1–1** (Ünal 90 — Paketa 87 p)

## LA LIGA (17) — 18 gol

**Walýadolid—Walensiýa: 1–0** (Anuar 20), **Espanýol—Osasuna: 0–0, Malýorka—Žirona: 2–1** (Larin 20, 51 — Wan de Beek 7), **Sewilýa—Selta: 1–0** (Bueno 65), **R. Wallekano—Real Madrid: 3–3** (Unaý Lopes 4, Mumin 36, Palason 64 — Walwerde 39, Bellingam 45, Rodrigo 56), **Atletiko—Hetafe: 1–0** (Sörlot 69), **Alawes—Atletik: 1–1** (Hordan 67 — Unaý Gomes 10), **Wilýarreal—Betis: 1–2** (Baena 55 — Roke 32, Lo Çelso 47), **R. Sosiedad—Las-Palmas: 0–0, Barselona—Leganes: 0–1** (Gonsales 4)

## SERIE A (16) — 27 gol

**Empoli—Torino: 0–1** (Adams 70), **Kaliari—Atalanta: 0–1** (Zaniolo 66), **Udineze—Napoli: 1–3** (Towen 22 — Lukaku 50, Janetti 76 ö.d., Zambo-Angissa 81), **Ýuwentus—Wenesiýa: 2–2** (Gatti 19, Wlahowiç 90+5 p — Ellertsson 61, Idzes 83), **Leççe—Monza: 2–1** (Morente 3, Krstowiç 44 — Dorgu 37 ö.d.), **Bolonýa—Fiorentina: 1–0** (Odgor 59), **Parma—Werona: 2–3** (Zom 19, 90 — Koppola 5, Sarr 57, Moskera 75), **Komo—Roma: 2–0** (Gabrielloni 90+3, Pas 90+7), **Milan—Jenoa: 0–0, Lasio—Inter: 0–6** (Çalhanoglu 41 p, Dimarko 45, Barella 51, Dumfris 53, Augusto 77, Turam 90)

## BUNDESLIGA (14) — 28 gol

**Fraýburg—Wolfsburg: 3–2** (Kübler 42, 51, Gregoriç 61 — Winn 75, Swanberg 83), **Augsburg—Baýer: 0–2** (Terrie 14, Wirts 40), **Maýns—Bawariýa: 2–1** (Li Je Son 41, 60 — Sane 87), **Borussiýa M—Holştaýn: 4–1** (Klýaýndinst 1, Hak 26, Plea 43, 79 — Gigowiç 30), **Union Berlin—Bohum: 1–1** (Hollerbah 33 — Sissoko 23), **Sankt-Pauli—Werder: 0–2** (Kön 24, Dukş 54), **Haýdenhaým—Ştutgart: 1–3** (Wanner 41 — Mittelştadt 20, Miýo 45+2, Woltemade 85 p), **Borussiýa D—Hoffenhaým: 1–1** (Reýna 46 — Brýun-Larsen 90+1), **Leipsig—Aýntraht: 2–1** (Şeşko 19, Openda 52 — Brawn 40)

## LIGUE 1 (15) — 27 gol

**Tuluza—Sent-Etien: 2–1** (Babika 55, Abuhlal 86 — Stassen 53), **Marsel—Lill: 1–1** (Merlen 17 — Diakite 87), **Oser—Lans: 2–2** (Perren 31, Oşo 73 — El-Aýnaui 22, Nzola 45), **Reýms—Monako: 0–0, Monpelie—Nissa: 2–2** (Şotar 22, Sen-Lýus 80 — Lýabord 17, Buanani 28), **Brest—Nant: 4–1** (Dumbiýa 24, Şardonne 27, Sima 88, 90+3 — Augusto 48), **Le Hawr—Strasbur: 0–3** (Diarra 28, Nanasi 32, Santos 90), **Renn—Anže: 2–0** (Grýonbek 33, Assinion 90+2), **PSŽ—Lion: 3–1** (Dembele 8, Witinýa 14, Ramuş 88 — Mikautadze 40)

### ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LIWERPUL | 15 | 11 | 3 | 1 | 31-13 | 36 |
| 2 | ÇELSI | 16 | 10 | 4 | 2 | 37-19 | 34 |
| 3 | ARSENAL | 16 | 8 | 6 | 2 | 29-15 | 30 |
| 4 | N. FOREST | 16 | 8 | 4 | 4 | 21-19 | 28 |
| 5 | MAN. SITI | 16 | 8 | 3 | 5 | 28-23 | 27 |
| 6 | BORNMUT | 16 | 7 | 4 | 5 | 24-21 | 25 |
| 7 | ASTON WILLA | 16 | 7 | 4 | 5 | 24-25 | 25 |
| 8 | FULHAM | 16 | 6 | 6 | 4 | 24-22 | 24 |
| 9 | BRAÝTON | 16 | 6 | 6 | 4 | 26-25 | 24 |
| 10 | TOTTENHAM | 16 | 7 | 2 | 7 | 36-19 | 23 |
| 11 | BRENTFORD | 16 | 7 | 2 | 7 | 32-30 | 23 |
| 12 | NÝUKASL | 16 | 6 | 5 | 5 | 23-21 | 23 |
| 13 | M. ÝUNAÝTED | 16 | 6 | 4 | 6 | 21-19 | 22 |
| 14 | WEST HAM | 16 | 5 | 4 | 7 | 21-29 | 19 |
| 15 | KRISTAL PALAS | 16 | 3 | 7 | 6 | 17-21 | 16 |
| 16 | EWERTON | 15 | 3 | 6 | 6 | 14-21 | 15 |
| 17 | LESTER SITI | 16 | 3 | 5 | 8 | 21-34 | 14 |
| 18 | IPSWIÇ TAWN | 16 | 2 | 6 | 8 | 16-28 | 12 |
| 19 | W. HEMPTON | 16 | 2 | 3 | 11 | 24-40 | 9 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 16 | 1 | 2 | 13 | 11-36 | 5 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 13 |
| 2 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 13 |
| 3 | Koul PALMER (Çelsi) | 11 |
| 4 | Kris WUD (Nottingam Forest) | 10 |
| 5 | Brian MBEMO (Brentford) | 10 |

### ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 18 | 12 | 2 | 4 | 50-20 | 38 |
| 2 | ATLETIKO M | 17 | 11 | 5 | 1 | 31-11 | 38 |
| 3 | REAL MADRID | 17 | 11 | 4 | 2 | 37-16 | 37 |
| 4 | ATLETIK B | 18 | 9 | 6 | 3 | 27-16 | 33 |
| 5 | WILÝARREAL | 17 | 7 | 6 | 4 | 29-28 | 27 |
| 6 | MALÝORKA | 18 | 8 | 3 | 7 | 18-21 | 27 |
| 7 | OSASUNA | 17 | 6 | 7 | 4 | 22-25 | 25 |
| 8 | R. SOSIEDAD | 17 | 7 | 4 | 6 | 16-11 | 25 |
| 9 | BETIS | 17 | 6 | 6 | 5 | 20-21 | 24 |
| 10 | ŽIRONA | 17 | 6 | 4 | 7 | 23-25 | 22 |
| 11 | SEWILÝA | 17 | 6 | 4 | 7 | 18-23 | 22 |
| 12 | R. WALLEKANO | 17 | 5 | 6 | 6 | 19-20 | 21 |
| 13 | SELTA | 17 | 6 | 3 | 8 | 25-28 | 21 |
| 14 | LAS PALMAS | 17 | 5 | 4 | 8 | 22-27 | 19 |
| 15 | LEGANES | 17 | 4 | 6 | 7 | 15-23 | 18 |
| 16 | HETAFE | 17 | 3 | 7 | 7 | 11-14 | 16 |
| 17 | ALAWES | 17 | 4 | 4 | 9 | 19-28 | 16 |
| 18 | ESPANÝOL | 17 | 4 | 3 | 10 | 16-29 | 15 |
| 19 | WALÝADOLID | 17 | 3 | 3 | 11 | 12-34 | 12 |
| 20 | WALENSIÝA | 16 | 2 | 5 | 9 | 14-24 | 11 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 16 |
| 2 | RAFINÝA (Barselona) | 11 |
| 3 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 10 |
| 4 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 9 |
| 5 | Winisius JUNIOR (Real Madrid) | 8 |

### ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ATALANTA | 16 | 12 | 1 | 3 | 39-17 | 37 |
| 2 | NAPOLI | 16 | 11 | 2 | 3 | 24-11 | 35 |
| 3 | INTER | 15 | 10 | 4 | 1 | 40-15 | 34 |
| 4 | FIORENTINA | 15 | 9 | 4 | 2 | 28-11 | 31 |
| 5 | LASIO | 16 | 10 | 1 | 5 | 30-23 | 31 |
| 6 | ÝUWENTUS | 16 | 6 | 10 | 0 | 26-12 | 28 |
| 7 | BOLONÝA | 15 | 6 | 7 | 2 | 21-18 | 25 |
| 8 | MILAN | 15 | 6 | 5 | 4 | 24-16 | 23 |
| 9 | UDINEZE | 16 | 6 | 2 | 8 | 19-25 | 20 |
| 10 | TORINO | 16 | 5 | 4 | 7 | 17-20 | 19 |
| 11 | EMPOLI | 16 | 4 | 7 | 5 | 14-16 | 19 |
| 12 | ROMA | 16 | 4 | 4 | 8 | 18-23 | 16 |
| 13 | JENOA | 16 | 3 | 7 | 6 | 13-24 | 16 |
| 14 | LEÇÇE | 16 | 4 | 4 | 8 | 10-27 | 16 |
| 15 | PARMA | 16 | 3 | 6 | 7 | 23-28 | 15 |
| 16 | KOMO | 16 | 3 | 6 | 7 | 18-28 | 15 |
| 17 | WERONA | 16 | 5 | 0 | 11 | 21-39 | 15 |
| 18 | KALIARI | 16 | 3 | 5 | 8 | 15-26 | 14 |
| 19 | MONZA | 16 | 1 | 7 | 8 | 14-21 | 10 |
| 20 | WENESIÝA | 16 | 2 | 4 | 10 | 15-29 | 10 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mateo RETEGI (Atalanta) | 12 |
| 2 | Markus TURAM (Inter) | 11 |
| 3 | Moýze KEN (Fiorentina) | 9 |
| 4 | Ademola LUKMAN (Atalanta) | 8 |
| 5 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 7 |

### GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 14 | 10 | 3 | 1 | 42-12 | 33 |
| 2 | BAÝER | 14 | 8 | 5 | 1 | 32-20 | 29 |
| 3 | AÝNTRAHT | 14 | 8 | 3 | 3 | 34-20 | 27 |
| 4 | LEIPSIG | 14 | 8 | 3 | 3 | 23-15 | 27 |
| 5 | FRAÝBURG | 14 | 7 | 3 | 4 | 20-19 | 24 |
| 6 | ŞTUTGART | 14 | 6 | 5 | 3 | 29-24 | 23 |
| 7 | MAÝNS | 14 | 6 | 4 | 4 | 25-19 | 22 |
| 8 | BORUSSIÝA D | 14 | 6 | 4 | 4 | 25-21 | 22 |
| 9 | WERDER | 14 | 6 | 4 | 4 | 22-24 | 22 |
| 10 | WOLFSBURG | 14 | 6 | 3 | 5 | 31-25 | 21 |
| 11 | BORUSSIÝA M | 14 | 6 | 3 | 5 | 23-19 | 21 |
| 12 | UNION BERLIN | 14 | 4 | 5 | 5 | 13-15 | 17 |
| 13 | AUGSBURG | 14 | 4 | 4 | 6 | 16-27 | 16 |
| 14 | HOFFENHAÝM | 14 | 3 | 5 | 6 | 19-26 | 14 |
| 15 | SANKT-PAULI | 14 | 3 | 2 | 9 | 11--19 | 11 |
| 16 | HAÝDENHAÝM | 14 | 3 | 1 | 10 | 18-31 | 10 |
| 17 | HOLŞTAÝN | 14 | 1 | 2 | 11 | 14-37 | 5 |
| 18 | BOHUM | 14 | 0 | 3 | 11 | 11--35 | 3 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 14 |
| 2 | Omar MARMUŞ (Aýntraht) | 13 |
| 3 | Jonatan BURKARDT (Maýns) | 10 |
| 4 | Tim KLÝAÝNDINST (Borussiýa M) | 9 |
| 5 | Jamal MUSIALA (Bawariýa) | 8 |

### FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 16 | 12 | 4 | 0 | 44-14 | 40 |
| 2 | MARSEL | 15 | 9 | 3 | 3 | 32-18 | 30 |
| 3 | MONAKO | 16 | 9 | 3 | 4 | 26-16 | 30 |
| 4 | LILL | 15 | 7 | 6 | 2 | 25-15 | 27 |
| 5 | LION | 15 | 7 | 4 | 4 | 27-20 | 25 |
| 6 | NISSA | 15 | 6 | 6 | 3 | 28-19 | 24 |
| 7 | LANS | 15 | 6 | 6 | 3 | 19-14 | 24 |
| 8 | OSER | 15 | 6 | 3 | 6 | 23-23 | 21 |
| 9 | TULUZA | 15 | 6 | 3 | 6 | 17-17 | 21 |
| 10 | REÝMS | 15 | 5 | 5 | 5 | 20-18 | 20 |
| 11 | BREST | 15 | 6 | 1 | 8 | 24-27 | 19 |
| 12 | RENN | 15 | 5 | 2 | 8 | 20-20 | 17 |
| 13 | STRASBUR | 15 | 4 | 5 | 6 | 25-27 | 17 |
| 14 | NANT | 15 | 3 | 5 | 7 | 17-24 | 14 |
| 15 | ANŽE | 15 | 3 | 4 | 8 | 14-26 | 13 |
| 16 | SENT-ETIEN | 15 | 4 | 1 | 10 | 12--34 | 13 |
| 17 | LE HAWR | 15 | 4 | 0 | 11 | 11--29 | 12 |
| 18 | MONPELIE | 15 | 2 | 3 | 10 | 15-38 | 9 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Jonatan DEWID (Lill) | 11 |
| 2 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 10 |
| 3 | Bredli BARKOLA (PSŽ) | 10 |
| 4 | Usman DEMBELE (PSŽ) | 8 |
| 5 | Keýto NAKAMURA (Reýms) | 6 |

# «Atalantanyň» yzly-yzyna 11-nji ýeňşi



Italiýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Atalanta» myhmançylykda «Kaliariden» Zaniolonyň 66-njy minutdaky goly bilen 1–0 hasabynda üstün çykyp, bassyr 11-nji ýeňşini baýram etdi. «Napoli» hem myhmançylykda «Udineze» bilen duşuşyp, ýer eýeleriniň öňe geçendigine garamazdan, Lukaku, Janetti (ö.d.) hem-de Zambo-Angissanyň gollary esasynda 3–1 hasabynda ýeňiş gazandy.

### 10-njy deňme-deňlik

● Öz meýdançasynda «Wenesiýany» kabul eden «Ýuwentus» ýene bir ýola 90-njy minutdan soň ýeňlişden halas boldy. 2–2 hasabynda tamamlanan bu duşuşyk «Ýuwentusyň» çempionatda 16-njy duşuşygyndaky 10-njy deňme-deňligidir. Esaslandyrylanyna 125 ýyl dolan «Milan» öz meýdançasynda «Jenoa» bilen golsuz deňme-deň oýnap, ýubileý gününi sowgatly garşy alyp bilmedi. «Bolonýa» öz meýdançasynda «Fiorentinany» Odgoryň 59-njy minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňip, garşydaşynyň 8 oýundan bäri dowam edýän ýeňişli seriýasyna soňky nokady goýdy. Paýtagtyň «Romasy» myhmançylykda «Komodan» 90-njy minutdan soň geçirden 2 goly esasynda utuldy. Häzirki çempion «Inter» myhmançylykda «Lasio» bilen duşuşyp, garşydaşyny 6–0 hasabynda ýeňdi. Ozalky topary uly hasap bilen ýeňen Simone Inzaginiň şägirtlerinden Çalhanoglu (41 p), Dimarko (45), Barella (51), Dumfris (53), Augusto (77) hem-de Turam (90) tapawutlandy.

### «Barselona» öz meýdançasynda ýene-de utuldy

● Ispaniýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Barselona» öz meýdançasynda «Leganesden» Serhio Gonsalesiň 4-nji minutda geçiren ýeke-täk goly esasynda asgyn geldi. Bassyr 2-nji gezek öz meýdançasynda utulan katalonlar «Leganesden» ilkinji gezek Barselonada ýeňildi. Myhmançylykda «Raýo Wallekano» bilen duşuşan «Real Madrid» 3-3 hasabynda deňme-deň oýnady. Ýer eýeleri Unaý Lopesiň 4-nji, Muminiň 36-njy minutdaky gollary bilen 2–0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne «Real» 1-nji ýarym tamamlanmanka, Walwerde hem-de Bellingamyň gollary esasynda hasaby deňlemegi başardy. 2-nji ýarymda-da Rodrigonyň goly bilen öňe geçen «Real» topary Palasonyň 64-nji minutdaky goluna çäre tapyp bilmedi. Öňdebaryjylaryň utuk ýitirmegi öz meýdançasynda «Hetafeni» Sörlotyň ýeke-täk goly bilen ýeňen «Atletiko Madridiň» bähbidine boldy. Ähli ýaryşlary hasaba alanyňda, bassyr 11-nji ýeňşini gazanan «Atletiko» 2-nji orna beýgelip, «Real» 3-nji basgançaga düşdi.

Fransiýanyň çempionatynda tapgyryň merkezi duşuşygynda PSŽ öz meýdançasynda «Liondan» 3–1 hasabynda üstün çykdy. 2 oýundan soň ýeňiş gazanan parižlileriň gollaryny Dembele, Witinýa hem-de Ramuş geçirdi. «Liondan» Mikautadzeniň goly ýeňşe ýetmedi. 2–3-nji orunlarda barýan toparlar – «Marsel» bilen «Monako bu tapgyry deňlikde tamamladylar. «Marsel» «Lill» bilen 1–1, «Monako» bolsa myhmançylykda «Reýms» bilen golsuz deňme-deň oýnady. 16-njy tapgyryň wagtyndan öň oýnalan oýnunda-da PSŽ myhmançylykda «Monakony» 4–2 hasabynda ýeňdi (Ben Segir 53 p, Embolo 60 — Due 24, Dembele 64, 90+8, Ramuş 83)





# Çempionlar Ligasynda 6-njy oýunlardan soň

**UEFA Çempionlar Ligasynyň liga tapgyrynyň 6-njy duşuşyklary geçirildi. Duşuşyklarda 59 gol hasaba alnyp, 2 oýunda hasap açylmady. 10 oýunda ýer eýeleri, 6 duşuşykda-da myhmanlar ýeňiş gazandy.**

Sanawyň lideri «Liwerpul» myhmançylykda «Žironany» Mohamed Salahyň 63-nji minutda penaltiden salan ýeke-täk goly esasynda ýeňip, 6-njy





duşuşygynda ýeňşini baýram etdi. Şeýle netije «Baýer» bilen «Interiň» arasyndaky oýunda-da hasaba alnyp, nemes kluby 90-njy minutda Mukieleniň goly esasynda ýeňiş gazandy. Bu gol «Interiň» şu möwsümde geçirden ilkinji goly boldy.

### Hem «Real», hem-de «Barselona» ýeňiş bilen dolandy

Tapgyryň merkezi duşuşyklarynyň birinde «Real Madrid» myhmançylykda «Atalantany» 3–2 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda madridlileriň 1-nji goluny geçiren Kilian Mbappeniň Çempionlar Ligasynda salan gollarynyň sany 50-ä ýetip, ol watandaşy Tierri Anri bilen deňleşdi. Ispaniýanyň başga bir topary «Barselona» hem edil «Real Madrid» ýaly myhmançylykdan 3–2-lik ýeňiş bilen dolandy. Dortmundda «Borussiýa» bilen duşuşan katalonlaryň gollaryny Rafinýa bilen Ferran Torres (2) geçirdi. Nemes toparynda Girassiniň gollary ýeňşe ýetmedi.

«Arsenal» öz meýdançasynda «Monakonyň» derwezesinden jogapsyz 3 gol girizdi. Gollaryň 2-sini Saka, beýlekisini-de onuň pasyndan soň Hawerts geçirdi. Şol hasap «RB Salsburg» bilen PSŽ-niň arasyndaky oýunda-da hasaba alnyp, parižliler Ramuş, Mendeş hem-de Dueniň gollary esasynda ýeňiş gazandy.

Tapgyryň ýene bir öňe çykan duşuşygynda «Ýuwentus» öz meýdançasynda «Mançester Sitini» Wlahowiç hem-de MakKenniniň gollary esasynda 2–0 hasabynda utdy.

Germaniýanyň Gelsenkirhen şäherinde «Şahtýor Donesk» bilen «Bawariýa» duşuşyp, ukrain kluby 5-nji minutda öňe saýlandy. Ýöne münhenliler bu gola 5 gol bilen jogap berdiler. «Bawariýanyň» gollaryny Laimer, Müller, Olise (2) hem-de Musiala geçirdi.

Italiýanyň «Milan» topary öz meýdançasynda «Srwena Zwezda» toparyny Rafael Leao hem-de Tammi Abrahamyň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňdi.

### 3 topar üçin ýaryş tamamlandy

Öz meýdançasynda soňky minutlarda geçirden goly esasynda «Aston Willadan» 3–2 hasabynda utulan «Leipsigiň» indiki tapgyra çykmak mümkinçiligi galmady. Edil «Leipsig» ýaly, myhmançylykda «Atletiko Madridden» 3–1 hasabynda asgyn gelen «Slowan Bratislawa», şol sanda «Ştutgartdan» 5–1 hasabynda utulan «Ýang Boýz» galan 2 duşuşykda ýeňiş gazansalaram, olara ilkinji 24 toparyň arasyna girmek başartmaz.

Fransuz klublary «Brest» bilen «Lill» garaşylmadyk netijeler gazanmagyny dowam edýär. 6-njy oýunlardan soň 7-8-nji orunlary paýlaşýan «Brest» öz meýdançasynda PSW-ni Le Kardinalyň ýeke-täk goly bilen ýeňlişe sezewar etdi. «Lill» bolsa öz meýdançasynda «Şturm Grasy» kynçylyk çekse-de, 3–2 hasabynda ýeňmegi başardy.







6-njy oýunlardan soň «Liwerpul» topary ýaryşy ilkinji 8-likde tamamlamaga iň golaý klub bolup, olara 7-nji tapgyrda 1 utuk hem ýeterlik bolar. «Barselona» hem pleý-off tapgyrynda çykyş etmäge hukuk gazanyp, ol pleý-off tapgyrynyň fawority tarapyna adyny ýazdyrdy. Ýagny ilkinji 16 toparyň arasynda ýaryşy tamamlar.



### «Mançester Siti» ýa-da PSŽ

Ýaryşyň galan 2 duşuşygy geljek ýylyň ýanwar aýynyň soňky 10 gününde oýnalar. 7-nji tapgyrda «Mançester Siti» bilen PSŽ-niň arasyndaky duşuşyk iň esasy oýun bolar. Bu duşuşykda ýeňlen toparyň ýaryşy dowam etmek mümkinçiligini, esasanam PSŽ utulaýsa, onda parižlileriň ilkinji 24 toparyň arasynda düşüp-düşmejekdigini beýleki duşuşyklaryň netijesi kesgitlär.

| | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Liwerpul | 6 | 6 | 0 | 0 | 13-1 | 18 |
| 2 | Barselona | 6 | 5 | 0 | 1 | 21-7 | 15 |
| 3 | Arsenal | 6 | 4 | 1 | 1 | 11-2 | 13 |
| 4 | Baýer | 6 | 4 | 1 | 1 | 12-5 | 13 |
| 5 | Aston Willa | 6 | 4 | 1 | 1 | 9-3 | 13 |
| 6 | Inter | 6 | 4 | 1 | 1 | 7-1 | 13 |
| 7 | Brest | 6 | 4 | 1 | 1 | 10-6 | 13 |
| 8 | Lill | 6 | 4 | 1 | 1 | 10-7 | 13 |
| 9 | Borussiýa D | 6 | 4 | 0 | 2 | 18-9 | 12 |
| 10 | Bawariýa | 6 | 4 | 0 | 2 | 17-8 | 12 |
| 11 | Atletiko Madrid | 6 | 4 | 0 | 2 | 14-10 | 12 |
| 12 | Milan | 6 | 4 | 0 | 2 | 12-9 | 12 |
| 13 | Atalanta | 6 | 3 | 2 | 1 | 13-4 | 11 |
| 14 | Ýuwentus | 6 | 3 | 2 | 1 | 9-5 | 11 |
| 15 | Benfika | 6 | 3 | 1 | 2 | 10-7 | 10 |
| 16 | Monako | 6 | 3 | 1 | 2 | 12-10 | 10 |
| 17 | Sporting | 6 | 3 | 1 | 2 | 11-9 | 10 |
| 18 | Feýenoord | 6 | 3 | 1 | 2 | 14-15 | 10 |
| 19 | Klub Brýugge | 6 | 3 | 1 | 2 | 6-8 | 10 |
| 20 | Real Madrid | 6 | 3 | 0 | 3 | 12-11 | 9 |
| 21 | Seltik | 6 | 2 | 3 | 1 | 10-10 | 9 |
| 22 | Mançester Siti | 6 | 2 | 2 | 2 | 13-9 | 8 |
| 23 | PSW | 6 | 2 | 2 | 2 | 10-8 | 8 |
| 24 | Dinamo Zagreb | 6 | 2 | 2 | 2 | 10-15 | 8 |
| 25 | PSŽ | 6 | 2 | 1 | 3 | 6-6 | 7 |
| 26 | Ştutgart | 6 | 2 | 1 | 3 | 9-12 | 7 |
| 27 | Şahtýor Donesk | 6 | 1 | 1 | 4 | 5-13 | 4 |
| 28 | Sparta Praga | 6 | 1 | 1 | 4 | 7-18 | 4 |
| 29 | Şturm Gras | 6 | 1 | 0 | 5 | 4-9 | 3 |
| 30 | Žirona | 6 | 1 | 0 | 5 | 4-10 | 3 |
| 31 | Srwena Zwezda | 6 | 1 | 0 | 5 | 10-19 | 3 |
| 32 | Red Bull Salsburg | 6 | 1 | 0 | 5 | 3-18 | 3 |
| 33 | Bolonýa | 6 | 0 | 2 | 4 | 1-7 | 2 |
| 34 | Leipsig | 6 | 0 | 0 | 6 | 6-13 | 0 |
| 35 | Slowan Bratislawa | 6 | 0 | 0 | 6 | 5-21 | 0 |
| 36 | Ýang Boýz | 6 | 0 | 0 | 6 | 3-22 | 0 |

**ŽIRONA—LIWERPUL: 0–1** *(Mohamed Salah 63 p)*, **DINAMO Z—SELTIK: 0–0, ATALANTA—REAL MADRID: 2–3** *(De Ketelare 45+2 p, Lukman 65 — Mbappe 10, Winisius 56, Bellingam 59)*, **BAÝER—INTER: 1–0** *(Mukiele 90)*, **K. BRÝUGGE— SPORTING: 2–1** *(Kuarezma 24 ö.d., Nilsen 84 — Katamo 3)*, **RB SALSBURG—PARI SEN-ŽERMEN: 0–3** *(Ramuş 30, Mendeş 72, Due 85)*, **ŞAHTÝOR D—BAWARIÝA: 1–5** *(Kewin 5 — Laimer 11, Müller 45, Olise 70 p, 90+3, Musiala 87)*, **RB LEIPSIG—ASTON WILLA: 2–3** *(Openda 27, Baumgartner 62 – MakGinn 3, Duran 52, Barkli 85)*, **BREST—PSW: 1-0** *(Le Kardinal 43)*, **ATLETIKO—SLOWAN B: 3–1** *(Alwares 16, Grizmann 42, 57 — Streles 51 p)*, **LILL—ŞTURM: 3-2** *(Sahraui 37, Bakker 45+2, Haraldsson 81 — Kiteişwili 45+4, Bieret 47)*, **MILAN—S. ZWEZDA: 2–1** *(Leao 42, Abraham 87 — Radonýiç 67)*, **ARSENAL—MONAKO: 3–0** *(Saka 34, 78, Hawerts 88)*, **BORUSSIÝA D—BARSELONA: 2–3** *(Girassi 60 p, 78 — Rafinýa 53, Torres 75, 85)*, **FEÝENOORD—SPARTA PRAGA: 4–2** *(Trauner 8, Paişao 10, Hadž Mussa 30, Himenes 63 — Rrahmani 43, Beelen 79 ö.d.)*, **ÝUWENTUS—MAN. SITI: 2–0** *(Wlahowiç 53, MakKenni 75)*, **BENFIKA—BOLONÝA: 0–0, ŞTUTGART—ÝANG BOÝZ: 5–1** *(Ştiller 25, Millo 53, Führih 61, Wagnoman 66, Keitel 75 — Lakomi 6)*

















